

# STEFAN SWEÝG

# 1 Esse Hekaýa Nowella

- Kitap - dünýäniň derwezesi
- Birtöwra
- Küşt kyssasy

## STEFAN SWEÝG
(1881-1942)

## KITAP – DÜNÝÄNIŇ DERWEZESI
*(esse)*

Ýer ýüzündäki islendik hereketiň gözbaşy adam aňynyň iki sany açyşyna syrygýar: giňişlikdäki hereket öz okunyň daşyndan aýlanýan tegelek tekeriň üsti bilen, ruhy hereket bolsa ýazuwyň oýlanyp tapylmagy arkaly mümkin boldy. Birwagtlar boýun egmezek agaçdan halka ýasan näbelli kişi adamzada ýurtlaryň hem halklaryň arasyndaky uzaklygy ýeňip geçmegi öwretdi. Üsti ýapyk araba aragatnaşyklary, ýük daşamaklygy, açyş maksatly syýahatlary elýeterli etdi, tebigatyň erki bilen peýda bolan ir-iýmişleri, önümleri hem magdanlary öz howa şertleriniň dar çarçuwasynda saklan serhetleri bozdy. Her bir ýurt indi özbaşdak däl-de, özüni gurşap alýan dünýä bilen berk baglanyşykda ýaşaýar; şu açyşyň kömegi bilen Demirgazyk hem Günorta, Günbatar we Gündogar, Köne Dünýä bilen Täze Dünýä bir-birine ýakynlaşdy. Tekeriň otlynyň hereketinde, awtoulagyň tizliginde, pyrlampajyň göze ilmeýän aýlawynda ýeriň dartyşyny ýeňip geçişi ýaly, düýrlenen papirus kagyzyndan kitaba çenli uzak ýoly geçen ýazuw hem adamyň ýalňyz kalbyna berlen durmuş tejribesiniň howply çäkliligini ýeňip geçýär: kitap bar ýerinde adam, eýýäm, öz gözýetiminiň dört diwarynyň arasynda ýalňyz galmaýar, ol geçmişiň hem häzirki döwrüň hemme amala aşmalaryna, tutuş adamzadyň oý-pikirlerine we duýgularyna goşulýar. Şu wagt biziň ruhy dünýämiziň ruhy hereketleriniň hemmesi ýa tas hemmesi diýen ýaly kitap bilen baglanyşykly we biziň medeniýet diýip

atlandyrýan durmuşyň ýüze çykmalarynyň maddy dünýäden ýokary göterilen görnüşleri kitapsyz akyla sygmajak zatlar bolardy.

Emma diňe seýrek ýagdaýlarda, şahsy durmuşymyzyň sanaýmalyja pursatlarynda biz kitabyň bu ruhlandyryjy, döredijilikli güýjüni duýýarys. Sebäbi kitap bireýýämden bäri gündelik durmuşymyzyň bir bölegine öwrüldi, biz ondaky täsinliklere her gezek gaýta-gaýta yzzat bilen haýran galmak başarnygymyzy ýitirdik. Özümiz hem bilmezden, her demde kislorody sorup alyp, bu himiki maddanyň üsti bilen syrly ýagdaýda ganymyzy iýmitlendirip täzeleýşimiz ýaly, biz kitaba gönügen nazarymyzyň aňymyzy ýa-ha täzeleýän, ýa-da ýadadýan ruhy iýmiti yzygiderli sorup durandygyny-da duýmaýarys.

Ýazuwyň köpasyrlyk şalygynyň ösdürimleri bolan biziň üçin okamaklyk ygtyýarsyz edilýän hereket ýaly bir zada öwrüldi. Mekdebiň birinji synpyndan başlap, bize ýaran bolan kitap bolsa, şeýlebir barlyga öwrüldi welin, biz köplenç ýagdaýda ony edil penjegimizi, elligimizi ýa çilimimizi, köpçülikleýin öndürilýän önümleriň islendigini alşymyz ýaly, hiç bir galpyldysyz, perwaýsyzlyk bilen elimize alýarys. Hazynanyň elýeterliligi bizi hemişe oňa bolan hormatdan mahrum edýär, durmuşymyzyň diňe, hakykatdanam, döredijilikli, oýlanyşykly, synçylykly pursatlarynda öwrenişikli we adaty zat ýene-de täsinlige öwrülýär. Çuňňur syn etmekligiň diňe şu seýrek pursatlarynda biz aňymyz bilen kitabyň durmuşymyzy doldurýan jadyly, päklendiriji güýjüni hormat bilen kabul edýäris. Bu güýç kitaby şeýlebir möhümlige öwürýär welin, ýigriminji asyryň çagalary bolan biz eýýäm içki dünýämizi onuň täsinlikleri bolmazdan göz öňüne-de getirmeýäris.

Bu pursatlar diýseň seýrekdir, emma hut şonuň üçin hem olaryň her biri kähalatlarda aňymyzda ýyllarboýy ýaşaýar. Mysal üçin, biziň şahsy, içki durmuşymyzyň kitabyň äşgär we şol bir wagtda äşgär bolmadyk dünýäsi bilen nähili çuňňur döredijilik gatnaşygy arkaly baglanyşyklydygynyň maňa açylan gününi, ýerini we sagadyny şu güne çenli takyk bilýärin. Men özümi gözümiň açylyp, aň ýetiren bu pursadym barada gürrüň bermäge hakly hasap edýärin, sebäbi bu pursadyň näderejede inçe, şahsy häsiýete eýedigine garamazdan, onuň ähmiýeti meniň şahsyýetimiň çäklerine sygmaýar.

Men şol wagtlar ýigrimi alty ýaşlarymdadym, eýýäm özüm hem kitap ýazýardym, ýagny birnäçe täsin goýalmalardan we sublimasiýalardan[1] soň gaty kagyza gaplanan, biziň kitap diýip atlandyrýanymyza ýüzlenmezden öň, oý-pikirler tapgyry, ümezlenip duran arzuwlaryň, taglymlaryň, hyýallaryň syrly özgermeleri barada käbir zatlary bilýärdim. Ol erksiz haryt hökmünde satylýan we satyn alynýan bolsa-da, öz bahasyna eýe bolup, tekjeleriň aýnasynyň aňyrsynda ýatanam bolsa, janly ruhuny saklap galýandyr. Satlyk bolaýanda-da, onuň her bir nusgasy öz-özüne we bilesigelijilik bilen sahypalaryny agdaryşdyrýan, okaýan, has beteri-de, diňe bir okaman, eýsem, ondan lezzet alýan adama degişlidir. Umuman, öz şahsy substansiýaň başga damarlara, ykbalyň ykbala, duýgynyň duýga, pikiriň pikire akyp geçmesiniň söz bilen beýan edip bolmajak käbir syrlaryna aň ýetiripdim; emma çap edilen eseriň täsiriniň düýp özeni, jadysy, çuňňurlygy, güýji heniz tutuşlygyna maňa aýan däldi, o baradaky pikirlerim garjaşykdy,

[1] Sublimasiýa — gaty maddanyň suwa öwrülmän, gönüden-göni buga öwrülmegi

gutarnyksyzdy. Oňa düşünmeklik maňa diňe şu aşakda gürrüň berjek günüm we sagadym geldi.

Men italýan gämisinde Ortaýer deňzi bilen Genuýadan Neapola, Neapoldan Tunise, Tunisden Alžire syýahat edýärdim. Syýahat birnäçe güne çekmelidi, gämi bolsa tas boş diýen ýalydy. Men gämä erk edijileriň arasynda bir ýaş italiýaly ýigit bilen ýygy-ýygydan gürrüňdeş bolýardym. Ol gäminiň ýolbelediniň kömekçisidi, kaýutalary süpürýärdi, gapagy ýuwýardy, garaz, gara iş hasap edilýänleri ýerine ýetirýärdi. Men ýylgyranda hünji ýaly owadan dişleri görünýän gujurly, gara gözli, garaýagyz oglana uly höwes bilen syn edýärdim. Ol ýygy-ýygydan ýylgyrýardy, özüniň hoşowazly ýiti dilini gowy görýärdi we italýan diliniň heňiniň üstüni täsirli hereketleri bilen ýetirmegi hem ýatdan çykaranokdy. Adatdan daşary baý üm hereketlerine eýe bolmak bilen, ol islendik adamyň endiklerine öýkünip, olary gižželeýärdi: dişsiz gämibaşynyň wazzy-wuzzy edişine, garry iňlis jenabynyň çep egnini öňe atyp, gäminiň gapagynda ýöräp ýörşüne, günorta naharyndan soň, özüniň alada etmeginde garynlaryny pökgerden ýolagçylara synçy nazaryny aýlap, gopbamsylyk bilen gezim edip ýören aşpeze öýkünýärdi. Biraz ýadyrgaýan bu garaýagyz ýetginjek bilen gürrüňdeş bolmak örän gyzyklydy, sebäbi özüniň aýtmagyna görä, köp ýyllar öz watany bolan Lipar adalarynda goýun bakan giň maňlaýly, ellerine surat çekilen bu oglanjyk edil wagşy haýwanyň çagasynyňky ýaly hoşgylawly wepadarlygy bilen tapawutlanýardy. Ol meniň özüne oňat garaýandygymy, diňe özi bilen höwesjeň söhbetdeş bolýandygymy dessine aňdy. Şonuň üçinem özi barada bilýän zatlarynyň baryny açykdan-açyk gürrüň berdi we iki gün geçmänkä, biz hakyky dosta öwrüldik.

Birdenkä aramyzda göze görünmeýän päsgelçilik ýüze çykdy. Biz Neapolda labyr taşlap, gämä gerek adaty zatlardan — kömürden, ýolagçylardan, gök önümlerden we hatlardan ýükümizi tutup, deňze çykdyk. Buýsançly Pozilip kiçijik baýry ýatladyp, Wezuwiniň üstündäki bulutlar ýeňiljek çilim tüssesi ýaly halka öwrülende, ol birden ernini gulaklaryna ýetirip ýylgyryp geldi-de, buýsanç bilen maňa ýygyrt-ýygyrt bolan, ýaňyja alan hatyny görkezip, ony okap bermegimi haýyş etdi.

Men birbada düşünmedim. Jowanni bir gyzdan daşary ýurt dilinde — nemes ýa fransuz dilinde hat alandyr öýtdüm, sebäbi munuň ýaly ýigidiň gyzlaryň göwnünden turjagy bildirip durdy. Ol meniň haty italýan diline terjime etmegimi isleýändir diýip oýlandym. Emma hat italýança ýazylandy. Oň niýeti nämekä? Meniň oňa näme ýazýandyklaryny bilerimi isleýärmikä? Jowanni bu soragyma gatyrganyp, haty daşymdam okap bermegimi sorady. Şu ýerde-de men bar zada düşündim: bu gelşikli, akylly, dogabitdi edep-ekrama we hakyky görmegeýlige eýe bolan ýigit statistika arkaly takyklanan okap bilmeýän italiýalylaryň ýedi ýa sekiz göteriminiň hataryna girýän eken. Ol sowatsyz eken! Men Ýewropada ýiteňkirläp ugran sowatsyzlaryň wekili bilen irdegiçde söhbetdeş bolan pursadymy ýadyma salyp bilmedim. Jowanni duş gelen ilkinji ýewropaly sowatsyzymdy, şo sebäpli men oňa geň galyp sereden borly — eýýäm dostum we ýoldaşym däl-de, muzeý eksponaty hökmünde. Men haty, elbetde, okap berdim, ony Mariýamy ýa Karolinamy, bir tikinçi gyz ýazan eken. Hatda dünýäniň hemme ýurtlarynda, dürli dillerde gyzlaryň oglanlara aýdýan zatlary ýazylan eken. Ol dodaklarymyň hereketine içgin seredýärdi, menem onuň her sözi ýat tutmaga synanyşýandygyny duýdum. Ol bar zady ýat tutjak bolup, şeýlebir dykgatly üns berýärdi welin,

maňlaýynyň ýygyrtlary gasyn-gasyn bolup gidýärdi. Men haty haýaljakdan, düşnükli edip, iki gezek okap berdim; ol her sözi edil sorguç ýaly soryardy, gözleri ýaldyrap, dodaklary edil açylan gyzyl bägül ýaly gyzgylt öwüşgin atýardy. Şu ýerde-de bir serkerde geldi, Jowanni-de gürüm-jürüm boldy.

Ine, bar bolany. Ýöne, dogrusy, bu zatlara has soňrak aň ýetirdim. Men eplenip açylýan ýeňiljek kürsüde günorta gijesini synlap otyrdym. Täsin açyşym meni günüme goýanokdy. Men ýönekeý birine dälde, eýsem, sowatsyz ýewropala ilkinji gezek duşýardym, özem, meniň pikirimçe, ol örän düşbüjedi. Men onuň bilen edil öz deňim ýaly söhbetdeş bolýardym, şonuň üçinem gurşap alýan dünýä ýazuwa böwet basylan bu beýnide nähili şöhlelenýärkä diýen pikir gyzyklandyrýardy, has dogrusy, ejir çekdirýärdi.

Men özümi bu adamyň ýerine goýup, okap bilmezligiň nämedigini göz öňüne getirjek boldum. Ine, ol gazeti eline alýar-da, hiç zada düşünenok. Kitaby alyp, agramyny ölçerip görýär — bir töňňe agaçdan ýa demirden sähel ýeňilräk, dörtburç, ala-mula, gerekmejek zat. Näme etjegini bilmän, onam bir gyra süýşürýär. Ine-de, kitap dükanynyň öňünde saklanýar — daşy zer bilen nagyşlanan, owadan, ala-mula, sary, gyzyl, ak gönüburçluklar onuň üçin ýasama miwelerden ýa ys çykarmaýan ýapyk atyr çüýşejiklerinden enaýy däl. Onuň ýanynda Gýöte, Dante, Şiller ýaly mukaddes atlary agzaýarlar, emma olar onuň kalbyna hiç hili gozgalaň salmaýar. Onuň üçin bular boş sözler, bogunlaryň bimany baglanyşygy. Ol görgülijik, hamala, gara bulutlaryň aňyrsyndan çykan kümüşsöw Aý ýaly şöhle saçýan ýekeje setiriň adama nähili lezzet berýändigini bilmeýär, kalbyňda ýat, toslanyp tapylan ykbal ýaşap ugranda peýda bolýan çuňňur duýgulardan habarsyz bolýar. Ol öz içki dünýäsinden

çykyp bilmeýär, sebäbi kitabyň nämedigini bilenok, troglodit[2] ýaly çäkli durmuşda ýaşaýar we onuň dünýäden üzňelikde bu durmuşa hötde gelşine, düşünjesiniň darlygy zerarly boglup ölmeýşine düşünmek kyn. Tötänleýin gören ýa eşiden zadyňdan başga hiç zady bilmän, kitaplardan syzylyp çykýan dünýäniň öwüsgininden dem alman nädip ýaşap bolar. Men ruhy dünýäden üzňe, okap bilmeýän adamyň ýagdaýyny göz öňüne getirmäge jan edýärdim, alymyň bir tapyndynyň üsti bilen brahisefalyň[3] ýa-da neandertallynyň[4] durmuşyny göz öňüne getirjek bolşy ýaly, emeli ýagdaýda onuň ýaşaýşyny dikeltmäge çalyşýardym. Ýöne men bular ýaly adamlaryň aňyna aralaşyp bilemokdym, depme keriň ýazgylar boýunça sazyň jadyly güýjüne düşünip bilmeýşi ýaly, bütin ömrüne ýeke kitap hem okamadyk ýewropalynyň pikirini okap bilemokdym.

Sowatsyzyň içki dünýäsine aralaşmagy başarmamsoň, men öz durmuşymy kitapsyz göz öňüne getirip, wezipämi ýeňilleşdirmek isledim. Ilki bilen, belli bir wagtyň dowamynda ýazuwyň we ilkinji nobatda, kitaplaryň üsti bilen öwrenen zatlarymyň hemmesini aradan aýyrmaga synanyşdym. Ilkinji ädimlerdenem şowsuzlyga uçradym. Sebäbi bilimi, tejribäni, kesekileriň duýgularyna aralaşyp bilmek ukybymy, adamzadyň umumylyk duýgusyny we öz şahsy mertebäňi saklamak duýgusyny, umuman, kitaplaryň hem bilimiň üsti bilen gazanan zatlarymyň ählisini aýyrmaga eden ilkinji synanyşygymda, öz «menim» hökmünde görmäge öwrenişen zatlarymyň bary tutuşlygyna dyrpytrak boldy. Her bir närsäniň, hadysanyň aňyrsynda kitaplardan

[2] Troglodit — gowaklarda ýaşan gadymy adam

[3] Brahisefal — gadymy ýasy kelleli adam

[4] Neandertally — irki we orta paleolit döwrüniň adamy

susulyp alnan ýatlamalar, gözegçilikler ýatyrdy, aýratynlykda her bir söz okan kitaplaryňdaky meňzeşlikleriň tükeniksiz uzyn zynjyryny ýadyňa salýardy. Mysal üçin, Alžire ýa Tunise barýanlygymy ýadyma saldygym, islesem-islemesem, «Alžir» sözüniň töwereginde ýyldyrym çaltlygynda ýüzlerçe meňzetmeler peýda bolýardy: Karfagen, Waala[5] sejde etmeklik, punileriň hem rimlileriň, Ssipionyň we Gannibalyň goşunlarynyň Zamanyň etegindäki çaknyşygyny suratlandyrýan Tit Liwiniň setirleri we Grilparseriň drama parçasyndaky şol sahna; bulara Delakruanyň çeken köpöwüşginli suratyny we Floberiň tebigaty suratlandyryşyny, Karl V goşunlary hut Alžire zabt edende Serwantesiň ýaralanandygyny hem goşmak bolar; «Alžir» ýa-da «Tunis» sözlerini, hatda içiňden agzasaň-da, başga-da müňlerçe jikmejiklikler göz öňünde janlanýar; iki müň ýylda bolan uruşlar, orta asyrlaryň taryhy — oýuňa gelýän şekiller san-sajaksyz; bütin ömrüňde öwrenen, okan zatlaryň hemmesi ýekeje, tötänleýin agzalan sözüň baýlaşmagyna hyzmat edýär.

Men köpugurly, giňişleýin we erkin pikirlenmegiň merhemet ýa peşgeşdigine, dünýäni birtaraplaýyn däl-de, köptaraplaýyn görmegiň bu ajaýyp, ýeke-täk dogry usulynyň diňe öz tejribesinden daşgary köp ýurtlaryň, halklaryň hem döwürleriň kitaplarda toplanan we saklanyp galan tejribelerini hem siňdiren adama berilýändigine düşündim. Şo sebäpli-de kitapdan mahrum bolan adama bu dünýäniň näderejede çäkli bolup görünýändigini hakydama getirip, hopukdym. Ýöne Jowanniniň dünýä düşünmek ýaly uly şatlykdan mahrumdygyna ýiti düşünýänligim, ýat, tötänleýin

[5] Waal — gadymy umumysemit hudaýy

duş gelen ykballara geň galmak ýaly täsin peşgeşe eýe bolanlygym üçin hem men kitaba borçly dälmi, eýse? Çünki kitap okamak arkaly, ýat adamlaryň durmuşy bilen ýaşap, dünýä olaryň gözi bilen seredip, olaryň aňy bilen pikirlenmeýärismi? Kitaplaryň maňa peşgeş beren sansajaksyz bagtly pursatlaryny ýadyma salamda, hut şu eşretli we keramatly pursatlar kalbymy gyzgyn minnetdarlyk duýgusyndan doldurdy; aňymyň çuňluklarynda mysal yzyna mysal peýda boldy; olar ýyldyz kimin aňymda toparlanyşýardylar. Men durmuşymy dünýäden bihabar bolmakdan alyp çykan, maňa hakyky gymmatlyklary öwreden we özüme, kiçijik çaga, şol wagtky ejizje fiziki mümkinçiliklerimden ep-esli rüstem gelýän tejribäni we bilimi beren pursatlary ýatlaýardym. Hut şonuň üçin hem Plutarhyň terjimehalyny, miçman Iziniň başdangeçirmelerini ýa-da Gaýyş jorabyň edermenliklerini okanymda, meniň çaga kalbym geň galarlyk derejede giňedi. Çünki şolar bilen bilelikde öýüň içine jylawlanmadyk hyjuwlaryň dünýäsi kürsäp girýärdi we şol bir wagtda meni bu dört diwardan alyp çykýardy; kitaplar maňa ilkinji gezek dünýämiziň çäksizdigini we oňa boýuň bilen çümmegiň lezzetlidigini görkezdi. Biziň ruhy hereketlerimiziň agramly bölegini, öz «menimiziň» çäklerini giňeltmek islegini, biziň barlygymyzyň iň gowy bölegini — bu mukaddes teşneligiň baryny bize ýene we ýene täze duýgulardan ganmaga iterýän kitabyň duzy peşgeş berdi. Men kitabyň üsti bilen ähmiýetli çözgütleri, kähalatlarda zenan ýa dostuň bilen duşuşmakdanam has uly lezzet almak üçin ukyny hem ýatdan çykaryp, kitaplar bilen geçiren gijeleriňden-de has wajyp bolan merhum ýazyjylar bilen bolan duşuşyklary ýadyma salýardym; näçe pikir etdigimçe-de, biziň ruhy

dünýämiz aýry-aýry duýgulardan emele gelýär diýen netijä gelýärdim. Olaryň az bölegi biziň öz gören, başdan geçiren zatlarymyzdan ybarat, aglaba bölegi üçin bolsa, biz okalan, kabul edilen, özleşdirilen kitaplara borçly.

Muny aňyňda aýlamak täsindi. Ýene-de bireýýäm ýatdan çykan kitabyň üsti bilen dadan bagtly pursatlaryň ýadyňa düşýär; bir zadyň yzyndan beýlekisi sepleşip gidýär. Asmanyň gara mahmalynda ýyldyzlary sanamaga synanyşanyňda, hasabyňy bozup, täze-täzeleriniň peýda bolşy ýaly, öz içki dünýämize ser salmaga synanyşamda, men özümiziň «ýyldyzly asmanymyzda» hem köpsanly yşyklaryň şöhle saçýandygyna we ruhy şatlyklara eýe bolan bizde, syrly sazyň owazynyň astynda şöhle saçyp, daşymyzdan aýlanyp ýören ikinji dünýäniň hem bardygyna düşündim. Kitaplar meniň üçin hiç wagt olaryň birini hem elimde saklaman, diňe olar barada aň ýetiren kalbyň minnetdarlygy bilen pikirlenenimdäki ýaly ýakyn däldi. Ujypsyzja bir waka sebäpli — özümiz ýaly ýaradylan, emma ýekeje ýetmezçilik sebäpli, dünýäleriň iň beýigini söýmek, döretmek arkaly kürsäp girmek ukybyny ýitiren ruhy taýdan agta betbagta, sowatsyz adama duşmak arkaly — men okap bilen adama älem çuňluklaryny sagatsaýyn açyp görkezýän kitabyň jadysyny duýdum.

Bir kitap arkalymy ýa köp kitabyň üsti bilenmi, tapawudy ýok, ýazylan we çap edilen zadyň, ruhy taýdan ýakynlygyň bahasyna aň ýetiren adam, şu gün, hatda akylly adamlary-da gurşap alan ruhdan düşmekligi görüp, diňe gynanç bilen ýylgyraýar. Kitabyň möwriti geçdi, indi söz tehnika degişli diýip, olar ah çekýärler; sözi we pikiri has ussat, amatly geçirijiler hökmünde grammafon, kinematograf, radio kitaby gysyp çykarýar, tiz wagtdan onuň medeni-taryhy wezipesi

geçmişde galar. Nähili çäkli pikir, neneňsi dar düşünje! Müň ýyl mundan öň bize kitabyň beren täsinliginden artyk geljek ýa iň bolmanda onuň bilen deňeşip biljek ýekeje täsinligi-de amala aşyrmak tehnika nirede we haçan başartdyka? Dünýäni şeýle derejede sarsdyryp biljek partlaýjy maddany himiýa oýlap tapmady; ömrüniň uzaklygy bilen şu basma belgiler ýazylan kagyz petdejiginiň öňüne geçip biljek polat ýa demir-beton ýok. Energiýa çeşmeleriniň hiç birine kähalatlarda şu kiçijik jiltden çykýan şöhläniňki ýaly ýagtylygy döretmek başartmady, hiç haçan elektrik akymy çap edilen esere salnan elektrigiňki ýaly kuwwata eýe bolmady. Iň bir doly we köptaraply görnüşdäki könelmeýän we mizemez, wagta tabyn bolmadyk iň baý güýç — ine, kitap näme; indi ol tehnikadan gorkmaly boldumy? Eger kitaplaryň kömegi bolmadyk bolsa, tehnika nädip kämilleşip we giňişleýin ýaýrap bilerdikä? Diňe bir şahsy durmuşymyzda däl, eýse, hemme ýerde kitap bilimiň alfasy hem omegasydyr, her bir ylmyň gözbaşydyr. Şonuň üçinem sen kitap bilen hernäçe berk gatnaşykda boldugyňça, durmuş şonça-da çuňňur açylar, sebäbi şonuň kömegi bilen seniň dünýäň köpsanly adamlaryň içki dünýäsi bilen garyşýar we sen, ony söýmek bilen, dünýä ýüz esse has doly hem çuňňur aralaşýaň we aň ýetirýäň.

Terjime eden **Baýramgeldi Aliýew**

## BIRTÖWRA

*(hekaýa)*

Birwagtlar dünýädäki iň uly güýç hasaplanan pula boýun egmän, adamlaryň arasynda ýekeje-de duşman gazanman ýaşamak ýaly, durmuşda iň müşgil bolan iki ýörelgäni maňa öwreden adamy unudaýsam, gadyrbilmezlik etdigim bolar.

Onuň ýaly adama aňsat-aňsat gabat gelip bolanok, menem ol adama tötänden duş geläýdim. Şo mahallar etrap merkezinde ýaşaýardym. Bir gün agşamara itimiň aýagyny ýazaýyn diýip, ony daşaryk alyp çykdym. Gidip barýarkak, it birden birgeňsi hereketler etmäge, ýerde çabalanyp, agaçlara süýkenmäge başlady. Zarynlap çyňsaýardy.

«Näme bolduka?» diýip aljyrap durkam, kimdir biriniň ýanyma ýakynlaşyp gelýänini duýdum. Ol otuz ýaşlaryndaky, pukaraja geýnen, ýakabagsyz, başy telpekli adamdy. Oňa gedaýdyr öýdüp, elimi jübime uzadanymam şoldy welin, onuň parahat terzde, gök gözlerini çiňerdip, edil köne tanşyna seredýän ýaly, maňa garap ýylgyryp durandygyny gördüm.

Ol:

— Bu janawara bir zad-a bolupdyr — diýdi.

Soňra ite tarap öwrüldi-de:

— Gel bärik, hany. Häzirjik biläýeris ony — diýdi.

Özem maňa ýüzlenende, hamala, ikimiz öňden bäri dost ýaly, «sen» diýip ýüzlenýärdi. Ýöne onuň beýdip içginsiremegine gaharym gelmedi, sebäbi onda ýasamalyk ýokdy, özüni alyp barşy akýürekli, dostana adamdygyndan habar berýärdi.

Çasly sygyryp, iti çagyrdy. Itim ylgap gelşine, bu nätanyş adamyň dyzynyň üstünde öňki aýaklaryny goýdy. Ol mähirli elleri bilen itiň ýagyrnysyny sermäp ugrady. Az salymdan:

— Ine, tapdym — diýip gygyrdy.

It şol barmana çyňsady, oňa bir zat edendigini aňdym. Ýöne janawar şonda-da gaçjak bolmady. Ol adam ony öz ugruna goýberdi.

Ol elindäki zady ýokaryk galdyrdy-da, ite ýüzlenip:

— Ine, sen ondan gutuldyň, indi arkaýyn ötägit — diýip ýylgyrdy. It ylgap gidensoň, olam ýerinden turdy. Başyny egip, maňa salam berdi-de, öz ýoluna ýöräberdi. Ol şeýle çalt uzaklaşdy welin, sagbolsun aýtmaga-da ýetişmedim.

Öýe dolanyp gelenimde, henizem şol adamyň geň hereketleri hakdaky pikirlerden aýňalyp bilemokdym. Duşuşygymyzy hyzmatkär aýala gürrüň berdim.

— Oňa Anton diýýärler, ol şol zeýilli işlere ökdedir — diýdi.

Näme iş bilen meşgul bolýanyny, näme bilen eklenýänini soradym.

— Ol pula-beýlekä gyzýan adam däldir — diýip, hyzmatkär aýal jogap berdi.

Eýsem, pul hemme ýerde bolşy ýaly, bu kiçijik etrap merkezinde-de gerekli dälmidi: çörek alanyňda, ýatara ýer peýläniňde, geýim-gejim aljak bolsaň...

Onuň durmuşynyň syryny çözmegi ýüregime düwdüm. Salym geçmänkä, hyzmatkär aýalyň aýdanlarynyň janynyň bardygyna göz ýetirdim. Hakykatdanam, Antonyň bellibir pişesi ýok eken. Ol daň saz berenden, tä agşama çenli, göräýmäge, bellibir maksatsyz, gününi şäherçäniň köçelerinde geçirýärdi, gezip ýörkä-de, daş-töweregini diýseň eserdeňlik bilen synlaýardy. Şeýdip, käwagt ötüp

barýan arabaçyny saklap, atynyň esbabynyň ykjam däldigini aýdýardy; käwagtam biriniň melleginiň gyrasyndan baryp, eýesine mellegiň haýatynyň opurylan ýerlerini görkezýärdi. Adamlaram ol işleriň köpüsini onuň özüne tabşyrýardy; sebäbi olar Antonyň bu zatlary hak-heşdek üçin etmeýänini bilýärdi. Bir gezek bolsa men onuň bir ädikçiniň ussahanasynda ädik bejerip oturanynam gördüm!

Garaz, gyssaga düşen kişi Antonyň üstüne eňäýýärdi. Hatda bir sapar onuň aýallar bilen bazarda alma satyp oturanyna-da şaýat boldum. Satyjy aýallaryň biri näsaglyk tapynyp, Antondan ýerine göz-gulak bolmagy haýyş eden eken.

Elbetde, islendik şäherde her bir işiň hötdesinden gelýän birgiden adam bolýar. Antonyň olardan tapawudy, näçe agyram bolsa edýän işi üçin diňe bir güne ýeterlik pul alýanlygydy. Şol bolşuny-da üýtgetmeýärdi. Bir güne ýeterlik pul gazanansoň, näme iş etsede, eden işi üçin hak almaýardy. Iş buýran kişä-de: «Pul gerek bolsa, meň özüm seni taparyn» diýýärdi.

Kän wagt geçmänkä, hemme kişä kömek etjek bolup jan edýän bu birtöwra adamyň özüne düýpgöter başgaça durmuş ýoluny saýlap alandygyna göz ýetirdim. Ol adamlaryň wyždanyna bil baglaýardy. Köp pul gazanyp, olary bankda saklanyndan, adamlaryň wyždanynda saklamagy has ýeg görýärdi.

Hemmeleriň Antona nähili ynanýandygyna göz ýetirmek üçin, oňa köçede gezip ýörkä, ýöne bir syn etmek ýeterlikdi. Ähli adam oňa ýürekden salam berýärdi, bar kişi onuň bilen elleşip görüşýärdi. Sada, göwnaçyk, pukara eşikli bu adam şäheriň köçelerinde, öz mülkünde aýlanyp ýören baý emeldar ýaly salykatly we asuda gezip ýördi. Onuň üçin

hemme gapy açykdy. Kimiň saçagynyň başynda oturasy gelse, oturyp bilýärdi. Hemme zat öz elindedi. Ertirini alada etmän, diňe Gudraty Güýçlä bil baglap ýaşaýan adamyň nähili uly güýje we söýgä eýedigine ömrümde birinji gezek anyk göz ýetirýärdim.

Bir gün jaýymyň ternawy jaýrylyp, aşak suw geçirip başlady. Muny bejertmek üçin hyzmatkär aýala Antony çagyr diýdim.

— Ol beýdip çagyrylanok, onuň nirede bolýanyny bilýän adam ýok — diýdi.

Diýmek, bu täsin adamyň belli mekany-da ýokdy. Ony tapmak üçin islendik adama:

— Antony tapyp bolmazmyka? Bir işjagaz bardy welin... — diýmek ýeterlik eken.

Aýdylyşy ýaly, ol şol günüň özünde geldi. Dykgat bilen töweregi synlap, melleginiň içinden geçýän ýodadan ýöräp gelşine, pudamaly agaçlary görkezýärdi. Agaçlaryň birini görkezip, ony başga ýere göçürmelidigini aýtdy. Soňra ternawy oňarmaga durdy.

Iki sagat soň işini dynandygyny aýdyp, eglenmänem çykyp gitdi. Ýene-de sagbolsun aýdyp ýetişmedim. Ýöne hyzmatkär aýala gören wagty oňa artykmajy bilen pul bermegini tabşyrdym.

Hyzmatkär aýal Antona alty şilliň uzadypdyr, ol welin, diňe iki şilliň alyp:

— Şu maňa ertir agşama çenli ýeterlik. — Ýöne lukmanyň köne penjegi dagy bar bolsa... — diýipdir.

Yzyndan ylgap, baýyrdan aşaklygyna bakan gygyrdym:

— Anton! Anton! Gel, saňa penjek bereýin!

Hyzmatkär aýal ähli köne-küşülimi orta döküp, dörmäge başlady. Anton üýşmek bolup duran bu geýim-gejimleri

birlaý gözden geçirdi. Bir penjegi egnine sokup, deňäp gördi. Parahat äheňde:

— Şu-ha maňa bolaýsa gerek — diýdi.

Soňra beýleki eşiklere-de göz aýlap:

— Şu köwşi duzçy petigindäki Juja sowgat edip bilersiň. Şoňa bir jübüt aýakgabam zerur. Şu taýdaky köýnekleri uly ýoldaky Žozefe beräý, çatyp geýer-dä. Isleseň, seň ýeriňe olary meň özüm eltip bereýin — diýdi.

Ondan bäri ýyllar geçdi. Antony, teý ýadymdan çykaryp bilmedim. Sebäbi ahlak babatynda edil onuňky dek maňa uly ýardam eden adam bolmandy.

Ownuk-uşak pul dawalaryndan ýadap, içim gysan wagty, köplenç, Antony ýatlaýaryn. Bir günlük sowjagyndan artygyny hiç haçan islemändigi üçin, arkaýyn hem parahat durmuşda ýaşap ýören ol adamy ýatdan çykarar ýaly däldi. «Ähli adamlar bir-birine edil şonuň ynanyşy ýaly ynansady, polisiýa, kazyýete, türmä we pula zerurlygam bolmazdy. Hemme kişi ile-güne hyzmat etmek üçin ylgap ýören, muzdundanam diňe gerejigini alýan şol adam ýaly ýaşasady, dünýä düýbünden düzelmezmidi?!» diýip pikir etdim.

Ençeme ýyl geçdi, ýöne Anton barada hiç zat eşitmedim. Oňa näme bolanyny-da bilemok. Ýöne ol barada alada etmek hökman dälmikä diýýärin, sebäbi Taňry ony hiç haçan tenha galdyrmaz diýip pikir edýän. Onsoňam adamlar-da ony hiç haçan ýeke-ýalňyz goýmaz.

Terjime eden **Azat Kulyýew**

## KÜŞT KYSSASY

*(nowella)*

Gijäniň ýarynda Nýu-Ýorkdan Buenos-Aýrese sary ugrajak mähnet gämide, ýüzüşiň soňky dakykalarynda hemişe bolşy ýaly, hysyrdyly gaýda-gaýmalaşyk höküm sürýärdi.

Ugratmaga gelenler gürmek mähelläniň arasy bilen çar tarapa itnişip geçýärdi; demir papajyklaryny ýeserlik bilen bir gapdala çümrüp geýen telegraf çaparlary ýolagçylaryň atlaryny tutup gygyrýardylar; goş-golamdyr güller geçirilýärdi; basgançaklardan bilesigeliji çagalar ylgaşlap ýördiler, gäminiň palubasynda bolsa üflenip çalynýan saz gurallardan düzülen orkestr dynuwsyz saz çalýardy...

Men özümiň ülpedim bilen palubada şu gaýda-gaýmalaşykdan yrakda durdum. Birdenem biziň edil golaýjagymyzda surata düşürýän enjamdaky magniý ikimi ýa-da üç saparmy ýylp etdi: çaky ýolagçylaryň arasynda meşhur kişilerden biri bar borly, megerem, iň soňky pursatda alnan söhbetdeşligiň ýany bilen onuň suraty-da gerek bolandyr. Gapdalymdaky dostum şo tarapa seretdi-de, kinaýaly gürledi:

— Siziň bilen bir gämide tebigatyň ýaradan täsin gudraty — Çentowiç barýa.

Ol bu adyň maňa hiç zatdan habar bermeýänini ýüzümden aňşyryp, gürrüňini ugrukdyrdy:

— Mirko Çentowiç — küşt boýunça dünýä çempiony. Ol ýap-ýaňy Amerikaň ähli küştçüsini paýhynlady, häzirem şoň ýelginine — ýeňişleriniň hözirini görmäge Argentina barýa.

Edil şu ýerde-de küşt täjine mynasyp bolan juwan ýigidiň diňe bir ady däl, eýsem, onuň ýyldyrym çaltlygynda belende göterilişiniň käbir jikme-jiklikleri-de ýadyma düşdi. Dünýäniň

gazet-žurnallaryny maňa görä has dykgatly yzarlaýan ülpedim ol barada birnäçe ýomak aýdyp berip, bilýän maglumatlarymyňam üstüni ýetirdi.

Bir ýyl töweregi mundan ozal Çentowiçe bada-bat Alehin, Kapablanka, Tartakower, Lasker, Bogolýubow ýaly küştüň parlak ýyldyzlarynyň hataryna goşulmak başartdy. 1922-nji ýylda Nýu-Ýorkdaky ýaryşda ýedi ýaşly dogabitdi zehinli Reşewskiniň peýda bolaly bäri, döwrüň ajaýyp küşt ussatlary, öz hatarlaryna şonuň kibi şowhun turzup giren hem-de tutuş durky bilen ünsi özüne gönükdirmegi başaran başga ýekeje-de birini bilmeýärdi. Çentowiçiň kütek aňy ony şeýle belent derejelere göterer diýip kellä getirer ýaly däldi. Basym onuň sepem açyldy: dünýä täjiniň eýesiniň hiç bir dilde ýalňyşsyz hatda birnäçe sözi-de ýazyp bilmeýäni aýan boldy, onuň janyýangynly garşydaşlarynyň biriniň ýaňsy bilen belleýşi ýaly, «ol hemmetaraplaýyn nadandy».

Bir gije Dunaýda gatnaýan ýük gämisi garaňkylygyň içinde onuň kakasynyň — pukara ýugoslaw gaýykçysynyň kindiwanja gämisini gark edipdir. Şol wagt ýaňy on iki ýaşan ýetim oglanjyga çola ýerdäki obalaryň biriniň ýüregi ýuka ruhanysy howandar çykdy. Açyk göwünli adam okuw eýgertmeýän dikdüşdi, peltek, darmaňlaý oglanjygyň aňyna mekdep bilimini guýjak bolup, tapdan düşýärdi.

Ýöne ruhanynyň bar yhlasy puja çykýardy. Mirko bimany nazaryny gaýta-gaýta harplara dikse-de, olary hiç ýatda saklap bilmeýärdi. Onuň kütek aňy ýönekeýje zatlary tutmagy-da başarmaýardy. On dört ýaşynda ol henizem barmaklaryny büküp sanaýardy, kitapdan ýa-da gazetden çaklaňja bölegi okamagam güzap baryny berýärdi. Ýöne oňa biperwaý ýa-da aýdylanlar bir gulagyndan girip, beýleki gulagyndan çykýan çaga diýibem bolanokdy. Ol ähli

buýrulan ýumuşlary berjaý kylýardy: suw daşaýardy, odun jaýyrýardy, meýdan işlerinde der dökýärdi, aşhanany ýygnaşdyrýardy. Oňa bil baglamak mümkindi; islendik tabşyrygy irde-giçde ýerine ýetirýärdi, ýöne haýal-ýagallygy, äwmezekligi welin sabyr käsäňi pürepürledýärdi. Ýöne açyk göwünli ruhanyny bar zatdan beter gynandyrýan bir ýagdaý bardy: keçjal, dikdüşdi jahyl dünýädäki ähli zada biparh garaýardy. Ol buýruk almazdan burun hiç haçan hiç bir işiň başyna barmaýardy, hiç haçan özi ýaly deň-duşlary bilen oýnamaýardy, tä näme etmelidigini aýdýançalar hiç haçan nähilidir bir işiň ugruna çykmaýardy. Öýüň işlerini gutarandan soň Mirko otaga geçip oturýardy, oturyşam bir geň-taňdy, parhsyz gözlerini sonarlap ýören goýnuňky ýaly, alyslara dikip, daş-töwerekde gopýan wakyýalara birjik-de baş galdyrmaýardy. Agşamlaryna ruhanynyň žandarm wahmistri bilen endige öwren üç döw küşt oýnaýan mahaly agymtyl sary saçly ulalyp-oňalmadyk oglan sessiz-üýnsüz oýunçylaryň gapdalynda ornaşýardy, güberip duran gabaklaryny galdyrmanam, oýaly-ukuly, biparh görnüşde owadan küşt tagtasyndan nazaryny sowmaýardy.

Gyş agşamlarynyň birinde, iki şepäniň eýýäm özleriniň adaty oýunlaryna gyzygan mahaly penjiräniň aňyrsyndan düwmeleriň jyňňyrdysy eşidildi. Oýe tarap çakganlyk bilen buz arabasy — sani ýakynlaşyp gelýärdi. Telpegi gar basan daýhan alakjap otaga girdi-de, eňek atyp ýatan ejesine iň soňky patasyny bermäge ýetişeri ýaly, mümkin boldugyndan, onuň ýanyna tizräk gitmek üçin ruhana aldygyna ýalbarmaga başlady. Ruhany oýurganyp oturmazdan, derhal onuň yzyna düşdi. Pyýalasyndaky çaýy doly içip ýetişmedik wahmistr az-owlak oturdy, soňam içi sütükli uzyn gonçly ädigini aýagyna sokmaga çemelenip

duran mahaly birden Mirkonyň gutarylman galan döwli küşt tagtasyna gözüni aýyrman seredip duranyny gördi.

— Näme, döwüň yzyny oýnaýsam diýýäňmi? — diýip, wahmistr degişmä salyp gürledi. Ýogsa, ol kelesaňrak ýigdekçäniň küştüň göçümlerini-de bilmeýänine doly ynanýardy. Jahyl ynamsyzlyk bilen onuň ýüzüne äňetdi, ýöne makullaýjylyk bilen baş atdy hem-de ruhanynyň ýerine geçdi. On dördünji göçümde wahmistr ýeňildi, özem utulmagynyň sebäbiniň haýsydyr bir atdanlykda goýberilen säwligiň netijesi däldigini-de boýun almaly boldy. Ikinji döwem şonuň ýaly tamamlandy.

— Waalyň eşegi bol-a! — diýip, yzyna öwrülip gelen ruhany haýran galmakdan ýaňa haýkyryp goýberdi, soňundanam Mukaddes kitaba onçakly belet bolmadyk wahmistre düşündiriş berdi: iki müň ýyl mundan ozal şu kybap gudrat ýüz beripdir, ömrüniň durkuna dilsiz-agyzsyz bolan jandar — eşek birden-bire gürläberipdir, özem ýöne-möne däl, hakyt akylly-başly dür saçypdyr.

Wagtyň gijigendigine garamazdan, açyk göwünli ruhany özüniň çalasowat şägirdi bilen darkaş gurman durup bilmändir. Mirko onam öňki ýaly ýeňillik bilen utup goýberipdir. Ol kellesini küşt tagtasyndan ýeke saparam galdyrmazdan alňasaman, haýaljakdan göçýärdi, ýöne oýnaýşy welin berkden-berkdi, dürsdi. Şondan soňky günlerde-de ne ruhany, ne-de wahmistr ony ýeke saparam utup bilmedi.

Şägirdiniň tüntligine ilden gowy belet ruhany öz-özüne sowal berdi: şu birtaraply, üýtgeşik zehin has çynlakaý synaga döz gelip bilermikä? Oba dellegi Mirkony birneme gelşikli görnüşe getirenden soň, ruhany ony buz arabasynda goňşy şäherjige äkitdi. Şu ýeriň küşt söýüjileri şäherjigiň

esasy meýdançasyndaky çaýhana üýşerdi, olar ruhanydan kän gowy oýnaýardylar, muňa ruhany ozal öz tejribesinde mazaly göz ýetiripdi.

Ýany sarymeňiz, al ýaňak jahylly ruhanynyň peýda bolmagy ähli kişini gyzykdyrdy. Mirkony entek küştüň başyna çagyrmankalar, ol ýüzüni sallap otyrdy, içmegini, uzyn gonçly çopan ädigini çykaraýynam diýenokdy. Ol ilkinji döwi utdurdy, çünki sada ruhany hiç haçan sisiliýa goranyşyny ulanmaýardy. Şäheriň iň güýçli küştçüsi bilen oýnan indiki oýny deňme-deň gutardy. Emma Mirko üçünji, dördünji hem-de soňky döwleri yzly-yzyna utmagy başardy.

Ýugoslawiýanyň welaýat şäherjiklerinde üýtgeşik, tolgundyryjy wakalar gaty seýrek duşýar. Şondan ötri oba çempionynyň bada-bat zoruny görkezmegi özüne göwni ýetýän adamlaryň arasynda gowur baryny döretdi. Onsoň, olaryň barysy-da bir çukura tüýkürdi: ýaşajyk zehin ertir irden küşt guramasynyň ýörite ýygnanyşygy gurnalýança şäherde galaýmaly. Şonda küştüň ölemeni, golaýdaky galanyň eýesi, goja graf Zimçis onuň bilen güýç synanyşyp biler. Ruhanynyň kalbynda iki duýgy darkaş gurýardy — şägirdine bolan buýsanç hem-de borç duýgusy, şol borç duýgusy-da ony yzyna, oba, ýekşenbe ybadatyna çagyrýardy. Borç duýgusy rüstem geldi. Ýöne ruhany Mirkony mundan beýläkki synaglar üçin şäherde goýup gitmäge razylyk berdi. Küştçüler ýaşajyk Çentowiçi myhmanhanada ýerleşdirdiler, şol ýerde ol ömründe ilkinji gezek häzirki zaman hajathanasyny gördi.

Dynç güni günorta şamyndan soň küşt otagy agzy-burny bilen doldy. Mirko dört sagadyň dowamynda küşt tagtasynyň başynda gymyldaman, agzyndan ýeke sözem gaçyrman, gabaklaryny galdyrman oturyşyna garşydaşlaryny

ýekänme-ýekän dargadýardy. Ahyry oňa bir zarbadaky köpçülikleýin oýny teklip etdiler. Mirkonyň birbada birnäçe küştçiniň garşysyna oýnamaly boljakdygyny oňa düşündirmek üçin ýoňsuz wagt gerek boldy. Özünden näme islenilýänine aň ýetiren badyna-da, ol müň tüýünden bir tüýüni-de gymyldatman işe girişdi hem-de agyr, ýaglanmadyk ädigi bilen haýaljak ädimläp, ol stol bilen bu stoluň aralygynda ýöräp ugrady. Iň soňunda-da sekiz döwden ýedisini ýeňdi.

Şundan soň çynlakaý maslahat başlandy. Dogryny dogry aýtmaly, täze çempion bu şäherde dogup-döremändi, bu bolsa ýerli adamlaryň watançylyk duýgusyna agyr täsir etdi. Emma kartada-da bardygy-ýokdugy näbelli kiçijik şäherjigiň ahyryn meşhur kişiniň watany diýlip adynyň tutulmagyna mümkinçilik döräpdi.

Ýerli serkerdeler humarhanasyny degişme aýdymjyklaryny aýdýan zenanlardyr balerinalar bilen üpjünleýän Koller atly impresario küşt oýnundan mazaly başy çykýan Wenadaky tanşyna jahyla küştden sapak bermegini gurnamagy, soňy bilen özüniň çykdajylarynyň üstüni ýapmak şerti bilen, ýaş Mirkony bir ýylyň dowamynda ekläp-saklamagy boýnuna alýandygyny mälim etdi. Şertnama graf Zimçis gol goýdy. Altmyş ýyl bäri her gün küşt oýnap gelýän graf ömrüniň durkuna şeýle ökde garşydaş bilen darkaş gurup görmändi. Şol günden başlabam dunaýly gaýykçynyň oglunyň haýran galdyryjy derejedäki ýokary göterilişi başlandy.

Küşt tilsimleriniň ähli syrlarynyň magadyna ýetmek üçin Mirko bary-ýogy alty aý gerek boldy; emma bir zatda welin ol kemter gaýdypdy. Bu küşt söýüjilere birneme soňrak belli bolupdy hem-de olara kinaýa oklamaga bahana öwrüldi.

Çentowiç oýnan döwleriniň hiç birini-de ýadynda saklap bilmeýärdi — ussat küştçüleriň dili bilen aýdanyňda, aňy bilen küşt oýnamagy oňarmaýardy. Onuň öňünde hökmany suratda akly-garaly altmyş dört öýjükli dörtburç tagta hem-de otuz iki sany küşt çöpi duraýmalydy. Hatda ady arşa göterilen meşhur kişä öwrülenden soňam, ol islendik mahaly özüne zerur bolan ajaýyp bir döwi görnetin suratlandyrmak üçin ýa-da özüni gyzyklandyran meseläni çözmek üçin hemişe ýany bilen jübi küştüni göterýärdi.

Aslynda bu kemçiligiň ullakan bir ähmiýetem ýokdy, ýöne şonda-da, munuň özi, onuň akylynyň kemterliginden habar berýärdi. Şeýle ýagdaý küşt söýüjileriniň arasynda gowur baryny döredýärdi. Şunuň ýaly gowurlar, mysal üçin, saz sungaty bilen iş salyşýanlaryň arasynda ady dünýä dolan meşhur sazandanyň ýa-da dirižýoryň ýatdan, notasyz saz çalyp ýa-da dirižýorlyk edip bilmeýän mahaly döreýär. Dogrusy, bu nogsanlyk Mirkonyň ajaýyp üstünliklerine aýakbagy bolup bilmedi. Eýýäm on ýedi ýaşynda ol her dürli onlarça baýragy eýelemegi başarypdy, on sekiz ýaşynda-da Wengriýanyň çempiony, ahyrky netijede-de ýigrimisinde dünýä çempiony boldy. Napoleonyň ätiýaçly Kutuzowa, Gannibalyň – Fabiý Kunktatora garşy durup bilmeýşi ýaly, — aslynda Liwiniň tassyklamagyna görä, Kunktatoryň aňsyzlygy baryp çaga döwründe ýüze çykypdyr, — akyl babatda, batyrgaýlykda Mirkodan, gürüňsiz, rüstem gelýän oýunçylar onuň berk, sowukganly pikir ýöredişine garşy durup bilmediler. Saýyrdyň küştçüleriň saýlantgy toparynyň hatarlarynda akyl zähmetiniň her dürli pudaklarynyň görnükli wekilleri — dana kişiler, matematikaçylar, sungata üşükli, oýlap tapyşlara ukyply, hatda döredijilik ugrundan zehinli adamlaram bardy, şolaryň arasyna-da bütinleý keseki

biri — tutuksy, dymma, nadan oba ýigidi sümlüp girdi oturyberdi. Iň ýeser žurnalistlerem onuň agzyndan ýeke sözide çekip alyp bilmeýärdiler, ýogsa, şolar ýeke sözdenem aňk ediji bir zat çyrşamagy başarjakdy. Gazetler şeýle mümkinçilikden gatumytdy, ýöne Çentowiç barada ýomak köki döräp, dilden-dile geçýärdi, şolaram metbugatyň sahypalaryny bezeýärdi. Küşt tagtasynyň başynda oňa taý tapdyranokdy, ýöne küşt stolundan turaýan badyna hökman gülki ýassygyna öwrülýärdi, tas masgarabazyň derejesine ýetýärdi.

Birkemsiz penjek-balagyna, döwrebap galstugyna hem-de çendenaşa iri dür bölegi oturdylan sanjagyna, yhlas bilen hynalanan dyrnaklaryna garamazdan, ozal nähili bolan bolsa şonlugyna-da — ýap-ýaňylaram ruhanynyň aşhanasyny ardyp ýören dar çäkli, görüm görmedik ýigitligine-de galypdy. Ol öz zehininden hem-de şöhratyndan peýdalanyp, mümkingadar köpräk pul gazanmaga çalyşýardy, munuň üstesine-de juda ownaýardy, aram-aram gysyklygyň gözüni çykarýardy. Özem muny hiç bir gypynçsyz aç-açan edýärdi, şeýtmek bilenem kärdeşleriniň janyny ýakýardy, olaryň yzygiderli kinaýalarynyň ojagyna öwrülýärdi. Şäherden şähere syýahat edip ýörşüne ol iň arzan myhmanhanalarda düşleýärdi, özüne hak-heşdek tölemäge döwtalap islendik klubuň haýryna oýnamaga razylyk berýärdi, sabyn çykarýan kärhananyň hojaýynyna belli bir tölege mahabat bildirişlerinde öz suratyny ýerleşdirmäge ygtyýar beripdi, özüniň idili iki sözüň başyny çatyp bilmeýänine gaty belet garşydaşlarynyň ýigrenç bilen seňriklerini ýygyrmaklaryna garamazdan, ol haýsydyr bir çemeçi neşirýatçynyň buýurmagy esasynda galisiýaly bir pukara talybyň ýazyp

beren «Küşt oýnunyň filosofiýasy» atly kitabyny-da öz adyndan çykartdy.

Köplenç şeýle pisint adamlarda bolşy ýaly, Çentowiçde-de bütinleý gülki damary ýokdy, küşt täjini alandan soň-a ol özüni dünýädäki iň bir ketde adamlaryň biri hasaplap ugrady. Ähli akylly-başly, aň-düşünjeli, gepe çeper adamlardan, ýazyjylardan üstün çykmagy başarandygy, üstesine, olardan köp gazanç edýändigi baradaky düşünje onuň ozalky ýaýdanjaňlygyny perwaýsyz gedemlige öwürdi.

— Elbetde, garaşylyşy ýaly, aňsatlyk bilen ýetilen şöhrat boş kelläň başyny aýlady — diýip, dostum netije çykardy hem-de Çentowiçiň tüýs çaganyňky ýaly aň bilen jemgyýetde nähili orun almaga ymtylyşy barada birnäçe jaýdar mysal getirdi. — eýsem, näme üçin ýigrimi bir ýaşly ýigit çensiz-çaksyz şöhratparaz bolmaly dälmiş? Ol küşt tagtasynda çöpleri eýläk-beýläk göçüp, bir hepdäň dowamynda tutuş obaň aýylganç güzaply şertlerde doly bir ýylyň dowamynda tokaý çapyp gazanýan hakyndanam köp gazanýar ahyry! Onsoňam, özüňi beýik adam saýmagyň ýönekeý sebäpleri-de bar. Haçanam bolsa bir wagt ýagty jahanda Rembrandt, Bethowen, Dante, Napoleon ýaşap geçipdir diýen düşünje beýniňe agram salmaýan mahalyň, dünýä täjine ýetip, döşüňe kakmajak gümanyň barmy?! Onuň darajyk aňynda diňe ýekeje pikir höwürtgeleýärdi: indi köp aýyň dowamynda ol bir döwem utduryp görmändi. Dünýäde küştdür puldan başga ähmiýetli zatlaň bardygyny hiç hili göz öňüne getirip bilmänsoň, onuň öz-özünden göwni hoş bolmagyny, öz-özüne aşyk bolmagyny geň görüp oturasy iş ýok.

Dostumyň gürrüňi, elbetde, bilesigelijilik damarymy tirpildetdi. Meni tutuş ömrümiň durkuna bir pikiriň köýünde

kellesini aldyranlaryň dürli görnüşdäkileri gyzyklandyryp gelýärdi. Bu kybap adamlary ýeke-täk düşünje gurşap alýardy. Çünki ynsan özüni çäklendirýän çygry näçe daraltdygyça, ol şonça-da çäksizligiň kerebine çolaşýar. Hut şunuň ýaly, meger, dünýädäki ähli zada parhsyz adamlaram, misli, garynjalar dek, nähilidir bir aýratyn «çig maldan» öz şahsy, hiç bir zada meňzemeýän, özleriniň göz öňüne getirýän äleminiň kiçeldilen kysmy dünýäjigini erjellik bilen gurýarlar. Şonuň üçinem men öz niýetimi — Rio çenli on iki günlük syýahatyň dowamynda juda birtaraply, çäkli zehin paýy berlen bu şahsyýet bilen ýakyndan tanyşmaga çalyşmakçydygymy dostumdan gizläp oturmadym.

— Häý, näbileýin şeýtmek size başardaýsa — diýip, söhbetdeşim duýdurdy. — Maňa belli bolşuna görä, ondan nähilidir bir çolpyňa iler ýaly — heňe gelýän pikir-garaýşy çeňňegine ildiren ýok. Özüniň öte dar düşünjesine garamazdan, bu mekirje daýhan gowşak taraplaryny ýaşyrmaga gezek gelende gaty akylly. Onuň usuly ýönekeý: Çentowiç arzan bahaly myhmanhanalarda duşuşýan obadaşlaryndan, üstesine, öz töwereginiň adamlaryndan öňňe kimdir biri bilen gürrüňçilige girmekden gaça durýar. Öňünde aň-düşünjeli adamyň durandygyny duýan badyna ol derhal, balykgulak deýin özüniň çaňňalagynda gizlenýär; şondan ötri hiç kim ondan nähilidir bir bolgusyz gep eşitdim diýip magtanyp bilmez, onuň nadanlygynyň tutuş öýjügine baha kesip bilenem tapdyrmaz.

Ülpedim mamla bolup çykaýdy öýdýän. Syýahatymyzyň ilkinji günlerinde Çentowiç bilen tanyşlyk açmak eýgertmedi, ýüzüňden utanç perdesini syryp, bihaýaçylykly hereket etseň, belki, başardardam. Ýöne men beýle usullaryň tarapdary däl. Käwagtlar ol palubada görünýärdi, şo taýda-da

ellerini arkasyna tutup, edil Napoleonyň belli suratyndaky ýaly, pikir derýasyna gark bolup gezmeleýärdi. Ýöne gezelenç mahaly ol hemişe alňasak hereket edensoň, maksadyma ýetmek üçin onuň yzyndan ýorgalap çapmaly bolýardym. Ol hiç haçan myhman otaglaryna, bara ýa-da çilim çekilýän ýere barmaýardy. Men gäminiň hyzmatçy ýigidinden Çentowiç barada ygtybarly maglumatlar aldym. Onuň aýtmagyna görä, ol günüň agramly bölegini öz aýratyn otagjygynda geçirýär. Şol ýerde uly küşt tagtasynyň başynda oýnalan döwleri derňeýär ýa-da küşt meselelerini çözýär.

Üç gün geçenden soň Çentowiçiň goranyş täriniň ebeteýini tapyp onuň bilen tanyşlyk açmak islegimden güýçli çykmagy meni kejikdirip ugrady. Henize bu güne çenli görnükli küştçiler bilen duşuşmak miýesser gelmändi. Şu kysmy adamlara näçe köp düşünmäge çytraşsam-da, şonça-da altmyş dört sany akly-garaly dörtburçluga bölünen çaklaňja giňişlikde doly jemlenen adam beýnisiniň bu işi maňa akyla sygmaz ýaly görünýärdi. Bu «patyşalar oýnunyň» syrly ýesir ediji owsuny, gudraty maňa öz tejribämdenem mälimdi. Ol adamzadyň oýlap tapan oýunlarynyň arasynda tötänlik ýagdaýyna bagly bolmadyk, diňe paýhasy ýa-da has dogrusy, aň zehininiň aýratyn, üýtgeşik görnüşini gül täji bilen bezeýän oýunlaryň ýeke-tägidir. Ýöne «oýun» diýen dar kesgitleme küşte şek ýetirildigi bolaýmasyn? Emma ol ne ylym, ne-de sungat, has takygy, Muhammet pygamberiň tabydynyň asman bilen zemin aralygynda gerlip durşy ýaly, şu iki düşünjäniň aralygynda gerlip duran ortalyk bir närse. Bu oýunda iň bir gapma-garşy düşünjeler utgaşýar: ol hem gadymy, hemem müdimi täze; küşt düýbi-teýkarynda hereketli gurluş, ýöne diňe pikirleniş ukyby güýçlä ýeňiş getirýär, geometriýa giňişligindäki çygry gysby, dar — şonuň

bilen birlikde-de emel-pirim babatda çensiz-çäksiz; üznüksiz, yzygiderli ösýär, — bütinleýem önelgesiz; netijesiz pikir, çözgütsiz matematika, esersiz sungat, binasyz ymarat. Ýöne şonda-da bu oýun ähli kitaplara, ynsanyň döredenlerine garanyňda, wagt synagyna has gowy döz geldi. Ol ähli halklara, ähli eýýamlara degişli ýeke-täk oýundyr, gam-gussadan saplanmak, aňyňy jöwherlendirmek, göwün götermek üçin ony zemine getiren ylahynyň ady hiç kime mälim däldir. Onuň başy nirede, soňy nirede? Bu oýnuň ýönekeýje düzgünlerini her bir çaga öwrenip biler, höwes bildirýän her kes küştde güýjüni synaýar, şonuň bilen bir wagtda-da onuň darajyk öýjüklerinde hiç kim bilen deňäp bolmajak ussatlar — diňe küşte ukyply zehinli adamlar döreýär. Olar zehini daş ýarýan saýlantgy kişilerdir, adatça, matematikaçylara, şahyrlara, kompozitorlara hyýalbentlik göçgüni, erjellik, takyk ussatlyk mahsusdyr, ýöne küştçüleriňkem şolaryňkydan gyltyz däldir, emma olar başgaça utgaşmada, başgaçarak gözükmede sazlaşýar. Fiziognomika derňewleri bilen gyzygyp ýören mahaly haýsydyr bir Gall , ilkinji nobatda, zehini daş ýaran küştçüleriň beýnisini barlamaly eken, şonda ol onuň beýnisindäki çal jisimde aýratyn egri-bugry gasynlaryň bardygyny-ýokdugyny, şo taýda nähilidir bir üýtgeşik küşt nerwiniň ýa-da küşt düwünjiginiň bardygyny-ýokdugyny kesgitlärdi. Fiziognomikaçyda Çentowiç ýaly üýtgeşik şahs nähili höwes, gyzykdyrma oýarardyka, dag jynsyndaky harsaňda gizlenip galan ýeke-täk altyn gatlak mysaly, onuň bütinleý el degrilmedik hem-de gowşak, ysgynsyz beýnisinde şeýle uçursyz zehin höwürtgeläpdir ahyry! Umuman, bir zada-ha gözüm ýetikdi: elbetde, oýunlaryň arasynda şunuň kimin ýeke-täk gözel, ajaýyp görnüşi

hökman özüne mynasyp gullukçylaryny-da döredäýmeli. Ýöne maňa seri dury, şonuň bilen birlikde-de öz dünýäsini çaklaňja ak-gara giňişlikde çäklendiren hem-de küştüň otuz iki sany çöpüni eýläk-beýläk göçüp, durmuşdan lezzet almagy başarýan adamynyň keşbini göz öňüne getirmek welin, dogrusy, tas mümkin däl diýen ýalydy. Men pyýadany däl-de, aty göçüp, özüne şöhrat getirip biljekdigine ynanýan hem-de küşt oýny boýunça okuw gollanmalarynda gysgaça orun alyp, dünýäde ebedi galjak adamyň ruhy dünýäsine düşünip bilemok, telbe däl-de, pähim-paýhasly kişiniň on, ýigrimi, otuz, kyrk ýylyň dowamynda zol-zol özüniň ähli akylynyň güýjüni bolgusyz pişä — agaç patyşany çyr-çytyr agaç tagtanyň burçuna gabamaga sarp edişine akyl ýetirip bilemok.

Ine, ahyrsoňy, ömrümde ilkinji ýola, juda golaýjagymda, bir gämide, bary-ýogy alty sany kiçijik aýratyn otagjyk aralygynda görlüp-eşidilmedik üşükli şeýle kişileriň biri barýar, belki-de, ol üýtgeşik zehinlidir, belki-de, geň, syrly sammykdyr, ynsanyň içki dünýäsindäki tapmaçalary çözmäge bolan höwes-hyjuw men maňlaýygarany halys was-waslyga, ölüp-öçüp barmaga çenli getirse-de, onuň bilen tanyşmagyň tärini tapyp bilmeýärdim. Her dürli al-hileli emelleri oýlap tapýardym: bir görseň, onuň şöhratparazlyk damaryny gorjap, ondan abraýly gazet üçin söhbetdeşlik gurnamagy haýyş etmekçi, bir görseňem, açgözlük nebsini odukdyrmak üçin bähbitli tarapyny görkezip, Şotlandiýa sapara gitmäge teklip etmekçi bolýardym. Iň soňunda-da awçylaryň gurýan pirimi kellä geldi. Awçylar tokaý guşlarynyň muhabbetli jürküldilerine öýkünip, olary aldawa salýardylar. Belki, özüňi küştçi saýansyrap, küşt ussadynyň ünsüni çekmek başardar?

Men küşti ürç edip oýnaýan çynlakaý küştçi däl, ol meniň üçin güýmenje, şondan başga zat däl. Eger käýarym bir sagatjygymy küştüň başynda geçirýän bolsam, onda muny beýnä agram salmak üçin däl-de, gaýtam tersine, dartgynly aň işinden soň, biraz ünsi sowmak, ýazylmak üçin edýärdim. Men küşti şol sözüň doly manysynda «oýnaýardym», şol bir wagtyň özünde hakyky küştçüler welin — beýewbar şu sözi ulanmak mümkin bolsa — ybadat edýärdi. Küştem, edil aşyk-magşuklar mysaly jübüti talap edýär, men welin gämide şu oýnuň yşkyna düşenleriniň baryny-ýoguny heniz anyklamaga-da ýetişmändim. Olary sürenlerinden yşarat bilen çykarmak üçin çilim çekilýän otagda ýönekeýje duzak gurdum. Küştüň başyna aldawaç hökmünde özüm bilen birlikde aýalym geçdi, ol mendenem beter gowşak oýnaýardy. Ýaňybir birnäçe göçüm eden badymyza-da eýýäm ýolagçylaryň biri ýanymyzda sägindi, soňra ýene biri oýny görmäge ejaza bermegimizi sorady, känbir uzaklaşmanam, iki baş küşt dikmegi teklip eden arzyly garşydaşam tapyldy.

Ol MakKonnor diýen bir kimsedi, ýerligi şotlandiýalydy, dag-magdan inženerdi. Onuň Kaliforniýada nebit ýataklaryny burawlandygyny hem-de şo taýda ýoňsuz baýlyk toplandygyny eşitdim. MakKonnor ýaňaklaryndan gan damaýyn diýip duran gujurly pyýadady, äňleri dörtburçdy, dişleri sagdyndy. Jozzuk ýüzi, gürrüňsiz, şeraby çäksiz kän içýändiginden habar berýärdi, pälwansypat kişiniň ýasy eginleri oýun mahaly saňa ýakymsyz täsir edýärdi. Çünki MakKonnor özünden göwni bitin, durmuşy gülleýän adamlaryň hilindendi, ol islendik ýeňlişi, hatda iň bir ýönekeý, zelelsiz ýaryşdaky ýeňlişi-de kemsitme hasaplaýanlardandy. Ähli zady diňe özi urup-ýaryýan, tutan

ýerini goparman goýmaýan bu deşli adamynyň şeýlebir özüne göwni ýetýärdi welin, sähelçe päsgelçiligi edil şahsyýetine dil ýetirilen saýmasa-da, badyma kakylan diýip düşünýärdi. Ol başky iki döwi utduryp, ýüzi çytyldy hem-de eger tötänlikden säwlik goýbermänliginde beýle ýagdaýyň ýüze çykmaly däldigini hökümli äheňde jikme-jik düşündirmäge başlady. Üçünji gezek utulanyna-da bahana tapdy, ol muny goňşy otagdaky gykylygyň üstüne atdy. Yzly-yzyna utdursa-da, «Ýykylan göreşden doýmazyny» edýärdi. Ilki onuň öýkelekligi göhümi getirýärdi, ýöne soňra beýle ýagdaýyň, gürrüňsiz, maksadyma ýetmäge — dünýäniň çempionyny küşt tagtasynyň ýanyna getirmäge kömek etjekdigine düşünip, munuň bilen öwrenişip gitdim.

Üçülenji gün niýetim, doly bolmasa-da, garaz, başa bardy. Belki-de, ol biziň küşt başynda oturanymyzy gäminiň ýokarky palubasyna çykýan jebis ýapylýan tegelek aýnaň aňyrsyndan görendir, belki-de, çilim çekilýän ýere keýpine şärik degip geçmegi ýüregine düwendir, gepiň küle ýeri, dünýä täjiniň eýesi öz sungatynyň çägine öwrenjeleriň aralaşmaga het edenini gören badyna, biygtyýar, golaý geldi, ep-esli aralykda säginibem, küşt tagtasyna synçy nazaryny dikdi. Göçüm MakKonnordandy. Biziň öwrenje tagallamyzyň özüni bütinleý gyzyklandyrmaýanyna bada-bat düşünmek üçin Çentowiçe garşydaşymyň ýeke göçümi ýeterlik boldy. Adatça, kitap dükanynda ýaramaz detektiw eser teklip edilen mahaly, hatda onuň gatam agdarylman, arkan serpilişindäki ýaly, küşt täjiniň eýesem perwaýsyzlyk bilen ýeňsesini tüňňerdip, içeriden çykyp gitdi.

«Oýnuň ürküzen gurbagaňa degmeýänine derrew düşündi öýdýän» — diýip oýlandym. Onuň hondanbärsi, sowuk nazary janyma degmän durmady. Kimdir birinden

gaharymy çykarasym geldi, onsoň, MakKonnora teýeneli ýüzlendim.

— Görýän welin, siziň göçümiňize dünýä täjiniň eýesiniň pisindi oturmadyk borly!

— O nämäň dünýä täjiniň eýesimiş?

Ýap-ýaňy bärik gireniň hem-de biziň oýnumyza juda seňrigini ýygryp çykyp gideniň küşt boýunça dünýä täjiniň eýesi Çentowiçdigini oňa düşündirdim. Onuň gedemligine keýpiňi bozup oturmagyň gereginiň ýokdugyny-da sözümiň üstüne goşdum: pukaralar üçin temegiňi göge tutmak — bagyşlap bolmajak elpe-şelpelik. Hernäçe geň galsam-da, şu tötänden agzymdan sypdyran sözlerimden ýaňa MakKonnor serpmeden gaýdan ýaly boldy. Ol bada-bat ynjalykdan gaçdy, şöhratparazlygyň hyýalyna münübem, ikimiziň oýnumyzy-da unutdy. Ol Çentowiçiň ýolagçylaryň arasyndadygyny gümanam etmeýän eken. Çempion hökman özi bilen küşt dikäýmeli! Oňa dünýä täjiniň eýesi bilen ýeke gezek oýnamak miýesser gelipdir, olam çempionyň birbada kyrk sany küşt tagtasynda oturanlaryň garşysyna ýeke özüniň oýnan mahaly, ýöne hatda şol dowem gaty gyzykly bolupdyr, MakKonnor tasdanam utan eken. Küşt täjiniň eýesi bilen tanyşlygym barmy? Ýok, ony tanamok. Ony biz bilen küşt dikmäge haýyş edip bilmenmi? Özüme mälim bolşuna görä, Çentowiçiň täze tanyşlykdan gaça durýandygyna salgylanyp, ondan boýun gaçyrdym. Onsoňam, biz ýaly, üçünji derejeli küştçüler bilen oýnamak küşt täjiniň eýesi üçin gyzygy bolup bilermi?

MakKonnor ýaly şeýle özüne göwni ýetýän adamyň adynyň gapdalyna üçünji derejeli küştçüleriň ýanalmagy, dogrusy, artykmaç boldy. Ol gahar bilen kürsä arkan gaýyşdy hem-de gyzmalyk bilen Çentowiçiň edep-terbiýeli kişiniň

çagyryşyny ret edip biljegini asla göz öňüne getirip bilmeýänini aýtdy. Munuň ugruna özüniň çykjakdygyny-da tekrarlady. Onuň haýyşy boýunça-da dünýä täjiniň eýesiniň özboluşly, üýtgeşik häsiýetini gysgaça suratlandyryp berdim, şundan soň MakKonnor, gutarylmadyk oýny owarrama salyp, gäminiň ýokarky palubasyndan Çentowiçiň gözlegine gyssandy. Şu ýerde-de şeýle kuwwatly gerdenlek kişiniň, bardy-geldi bir zadyň hyýalyna münse, onda ony saklajak bolmagyň bütinleý mümkin däldigine ýene bir ýola göz ýetirdim.

Men elden-aýakdan çykyp, sabyr-takatymy ýitirip garaşýardym. On minut dagy geçdi, MakKonnoram yzyna öwrülip geldi, göwnüme bolmasa, keýpine sogan dogralan ýalydy...

— Ýeri, niçik? — diýip, ondan soradym.

— Siz mamla ekeniňiz — diýip, MakKonnor lapykeçlik bilen jogap berdi. — Ýakymly jenab-a däl eken. Salam berip, özümi tanatdym, ol hatda elinem uzatmady. Men oňa ýolagçylar, barymyz — eger ol biz bilen birbada küşt oýnamaga razylyk berse, — hem-ä begenerdik, hemem buýsanardyk diýip düşündirmäge çytraşdym. Emma ol meň bilen çakdanaşa resmi gürleşdi, hernäçe gynansa-da, syýahatyny gurnan impresario bilen baglaşan şertnamasyna laýyklykda, gezelenç mahaly küşti diňe pully oýnamaga borçly edilendigi, özüniň iň pes gözhakynyň-da bir döw üçin iki ýüz elli dollardygyny ýaňzytdy.

Men gülüp goýberdim.

— Ak öýjükden gara öýjüge çöp süýşürip — ana, şonam girdeji çeşmesine öwrüp boljagyny hiç haçan oýuma getirmändirin. Sizem edil özi ýaly, onuň bilen hoşamaýja hoşlaşansyňyz diýip pikir edýän.

Ýöne MakKonnoryň welin gara çynydy.

— Oýun ertir sagat üçde şu ýerde geçýä. Bizi emgenmezden paýhynlap biler-ä öýdemok.

— O nähili? Siz oňa iki ýüz elli dollar beräýdiňizmi? — diýip, men haýran galmakdan ýaňa gygyranymy-da duýman galypdyryn.

— Näme üçin bermeli dälmiş? C'est son metie . Beýewbar dişim agyrsa, gämiň üstünde-de diş lukmany bar bolsa, ol dişimi mugtuna sogurmaz ahyry. Näçe islese, şonça-da goparmaga onuň haky bar. Hemme ýerde şeýle. Islendik kärdäki ussat, ökde hünärmen hemişe aňrybaş telekeçi bolýar. Dogrusy, özüm-ä arassa şertleşigiň tarapdary. Oňa «gaýrat et» diýip ýalbaryp duranymdan, soňundanam üstüne minnetdarlyk kököni ýagdyrmagy borçly duýanymdan-a, siziň Çentowiçiňize puljagaz emlänimi has enaýy görýän. Özümiziň klubumyzda bir agşamyň dowamynda iki ýüz elli dollardanam köpräk utdurýan gezeklemmem bolupdy, ýöne maňa küşt täjiniň eýesi bilen oýnamak miýesser gelmändi ahyry. «Üçünji derejeli» küştçiniň Çentowiçe utdurany bilen ýüzi gyzmaz.

Dilimiň ugruna sypdyryp goýberen «üçünji derejeli oýunçylar» diýen sözüň MakKonnory ynjydanyna göhüm gelýärdi. Ýöne özümiň gyzyklandyrma bildirýän kişim bilen tanyşlyk açmaga mümkinçilik berjek gymmatja tomaşanyň muzduny MakKonnor tölänsoň, sesimi çykarmanymy gowy gördüm.

Biz küşte höwesli ýene birnäçe adama geljekki üýtgeşik oýun barada habar bermäge alňasadyk hem-de beýleki ýolagçylardan bolaýmagy ähtimal päsgelçiliklerden gaça durmakdan ötri olardan oýun üçin diňe bir biziň stolumyzy

däl, eýsem, goňşy stollaryň ählisini-de eýeläp goýmaklaryny talap etdik.

Şol günüň ertesi laýyk bellenen sagatda biziň şärikdeşlerimiz doly hatarda jemlendi. Esasy orun, küşt täjiniň eýesiniň garşysyndaky orun, elbetde, MakKonnora rowa görlüpdi. Onuň aljyraýany daşyndanam görnüp durdy.

Küşt täjiniň eýesi dogry on minut irikgä edip garaşdyrdy (ülpedimiň gürrüňlerini ýadyma salyp, şuňa meňzeş nähilidir bir hokgalara, dogrusy, öňünden garaşýardymam), beýle ýagdaý onuň peýda bolmagynyň pajarlylygyny hasam dabaralandyrdy. Ol arkaýyn hem-de parahat görnüşde stoluň başyna geldi, salamlaşaýynam diýmedi. Megerem, onuň sypaýyçylyksyzlygynda: «Meň kimdigim size mälim, siziň kimdigiňiz bolsa, meni bütinleý gyzyklandyranok» diýen many bardy. Ol sowuk-sala, işjeň äheňde özüniň şertlerini aýtmaga durdy. Birtopar adam bilen birbada oýun geçirmek üçin gämide ýeterlik möçberde küşt tagtasynyň ýoklugy sebäpli, ol biziň özüne garşy üýşüp oýnamagymyzy teklip etdi. Göçüm edibem, bize maslahatlaşmaga päsgel bermezlik üçin otagyň beýleki tarapyna geçjekdigini aýtdy. Biz bolsak, jogap göçümini edenimizden soň, jaňjagazyň ýoklugy sebäpli, çaý çemçesi bilen bulgury şarkyldatmaly. Eger garşylyk ýok bolsa, her göçüm üçin on dakykadan köp pikirlenmezligi teklip etdi. Biz, ýöwsel şägirtler mysaly, onuň ähli şertlerini kabul etdik. Çentowiçe gara mallar düşdi; ol dik duran ýerinden ilkinji jogap göçümini etdi, bada-badam yzyna öwrüldi, şertleşilen tarapa gitdi-de şo taýda ýaltalyk bilen kürsä çöküp, suratdan doly žurnaly waraklamaga durdy.

Bu döwi suratlandyryp oturmagyň hajaty ýok. Garaşylyşy ýaly, bu oýunda biz lüt utuldyk, özem ýigrimi dördünji

göçümde. Küşt täjiniň eýesiniň, aýdylyşy ýaly, çep eli bilen oýnap, alty sany ortatap, bütinleý gowşak oýunçylaryň külüni kakanyny hiç bir weçden geňläp oturmaly däl. Ýöne Çentowiçiň emgenmesizden petigulymyzy berenini göz-görtele duýduryp, özüni ulumsy, gedem alyp barmagy barymyzyň jykyrjygymyzy tutdurdy. Her sapar küştüň başyna gelende tagtanyň üstüne ýüzleý, bilgeşleýinden perwaýsyz nazar aýlaýardy, bize bolsa, düýbündenem üns bermeýärdi, hamala, onuň üçin bizem küştüň agaç çöpleri ýalydyk. Öýsüz-öwzarsyz ygyp ýören itiň hatda ýüzüne-de seretmän, öňüne süňk oklaýan ýalydy. Mylakatlylykdan, sypaýyçylykdan sähelçe düşnük bar bolanlygynda, ol säwliklerimizi görkezmelidi ýa-da hoş sözler bilen bize gop bermelidi diýen pikir beýnimi dörjeläp gitdi. Hatda oýny gutarybam, küştüň «heýkeli» jyňkyny çykarmady. «Ýatdyňyz» diýdi-de, stoluň ýanynda sarsman duruberdi, çaky biziň ýene bir döw küşt dikesimiziň gelýänini-gelmeýänini bilesi gelen borly. Men ýerimden turaýyn-turaýyn diýip durdum. Zoňtar gödekligiň bar ýerinde hemişe sabyr käsäm püre-pürlenýärdi. Özüm-ä hasap-hesip meselesi gutaranja badyna biziň tanyşlygymyzyň soňuna nokat goýlandygyny uly höwes bilen yşarat etmäge taýýarlyk görüp durdum. Emma, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, edil şo pille ýanymda oturan MakKonnor boguk ses bilen: «Ýene bir döw!» diýäýdi.

MakKonnoryň göreşe çagyrýan sesinden haýygyp gitdim. Ol edep-ekramly kişini däl-de, aýgytlaýjy zarbany indermäge taýýar boksçyny ýada salýardy. Belki-de, Çentowiçiň göwün syndyryjy yşaraty ganyny gyzdyrandyr, belki-de, muňa mertebesiniň ynjydylmagy sebäp bolandyr, herhal, nähili bolanlygynda-da, hatda MakKonnoryň daş keşbem bütinleý üýtgedi. Onuň saçynyň düýbüne çenli gyzardy, burnunyň

ýelpezegi ýellendi, maňlaýynda der damjalary göründi, dişlem-dişlem eden dodagyndan oňe çykyp duran haýbatly äňine çenli ýygyrt bary ýaýrap gitdi. Onuň gözlerindäki möwç urýan göçgünliligiň uçgunjygyny görüp, basga düşdüm, şeýle ahwalat, köplenç halatda, humarly oýunda üýşen pul birsydyrgyn artyp gidip ugrandan soň bassyr altyýedi sapar gerekli gül düşmedik mahaly kellesi gyzan adamlarda gabat gelýärdi. Men indi bu serden geçen adamyň Çentowiçiň garşysyna ähli emlägini goýmaga taýýardygyny, tä, iň bolmanda, ýekeje döwi utýança, başda goýlan pula ýa-da goşmaça goýlan pula ertirden agşama çenli oýnamaga taýýardygyna göz ýetirdim. Bardy-geldi Çentowiç şu işe çyny bilen ýapyşsa, MakKonnor onuň üçin duranja bir süýtli sygyr bolup biljekdi, gözýetimde Buenos-Aýres peýda bolýança dünýä täjiniň eýesiniň kisesine birnäçe müň dollar düşüp biljekdi.

Çentowiç entägem sarsman durdy.

— Baş üstüne — diýip, ol sypaýyçylykly gürledi. — Indi, jenaplar, gara mallar bilen siz oýnamaly borsuňyz.

Ikinji döwem birinjiden känbir tapawutlanmady, diňe biziň toparymyz täze gelen tomaşaçylaryň hasabyna biraz artdy, oýnam şüweleňli gitdi. MakKonnor, hamala küşt mallaryny jadylajak hem-de olary öz erkine boýun egdirmek isleýän ýaly, küşt tagtasyndan gözüni aýyrmaýardy. Onuň biziň özüni juda arkaýyn alyp barýan garşydaşymyzyň ýüzüne: «Ýatdyň, gardaş!» diýip hezil edip gygyrmak üçin hiç bir gypynçsyz müň dollar eçilmäge taýýardygyny aňdym. Geň- taň görülse-de, şeýledi — MakKonnoryň ynjalyksyz tolgunmasy akyla sygmajak derejede biziň barymyza geçdi oturyberdi. Indi her bir göçüm öňküden has göçgünlilik bilen maslahatlaşylýardy, Çentowiçe «göç sizden» diýip duýduryş

bermezden burun, biz iň soňky sekunda çenli jedelleşýärdik. On ýedinji göçüme ýetenimizde, biz, şeýle göräýmäge özümiz üçin juda amatly ýagdaýyň dörändigine haýranlar galdyk: biz «c» öýjügindäki pyýadany iň soňkynyň öň ýanyndaky çäge çenli sürmegi başarypdyk, indi näme etmelidigimiz bes-belli — şol pyýadany öňe — «c1»-e süräýmek galypdy. Şonda iki perzili bolýardyk. Ýöne biz beýle arkaýynlaşmandyk: utmak üçin özümizde, hakykatdanam, şeýle görnetin mümkinçiligiň döränine ynanasymyz gelenokdy. Barymyzyň böwrümizde bükgüldi bardy. Hawa, şeýle seredeniňde artykmaçlyk gazanypdyk. Ýöne muny oýnuň gidişini kän göçüm öňünden bilýän Çentowiçiň guran duzagyndan başga hiç zat däldir öýdýärdik. Herhal biz näçe maslahatlaşsak-da, ýagdaýy ähli taraplaýyn seljersek-de, pyrryldagyň nämeden ybaratdygyny çözüp bilmeýärdik. Ahyry on dakyka tas geçibereňkirlände, töwekgellige salyp, şu göçümi etmegiň kararyna geldik. MakKonnor pyýadany iň soňky öýjüge göçmek üçin ony ellejek bolandyram welin, kimdir biriniň eli ony saklady hem-de ýuwaşja, ýöne hökümli gürledi:

— Biribaryň hatyrasyna şuny göçmäň!

Barymyz, biygtyýar, öwrüldik. Yzymyzda kyrk bäş ýaş çemesi bir adam durdy. At ýüzli bu adam özüniň reňkiniň üýtgeşik solgunlygy bilen gezelenç mahaly öňem bir ünsümi çekipdi. Biziň aramyza, çaky, ýap-ýaňy goşulan borly, nobatdaky göçümiň maslahatyna oýa batamyzsoň, onuň ýanymyza gelenini duýmandyrysam. Barymyzyň özüne çiňerilip duranymyzy görensoň, ol alňasaklyk bilen gürrüňini dowam etdirdi:

— Eger siz pyýadaňyzy perzi çyksaňyz, ol ony derhal pili bilen alar, sizem şo pili at bilen alarsyzyň. Ol bolsa, şonda

özüniň perzä çykarman pyýadasyny «d7»-ä sürer hem-de siziň ruhuňyza howp salar. Bardy-geldi at bilen küşt beräýenligiňizde-de, barybir, oýnuňyz asgynlar. Dokuz ýa-da on göçümden soňam ýatarsyňyz. Edil şuňa meňzeş öwrümi — pirimi 1922-nji ýylda Alehin Pestýendäki küşt ýaryşynda Bogolýubowyň garşysyna ulanypdy.

Öwelip galan MakKonnor pyýadany elinden sypdyrdy-da, biziň barymyz ýaly, üstümize asmandan inen halasgär perişdä haýran galmak bilen dilsiz-agyzsyz nazaryny dikdi. Çünki dokuz göçden soň ýatýanymyzy diňe ýokary derejeli küştçi, halkara ýaryşlaryna gatnaşýan oýunçy öňünden kesgitläp bilerdi — belki-de, olam Çentowiç ýaly şol ýaryşa barýandyr hem-de dünýä birinjiligine dalaş etjekdir? Nähili bolanlygynda-da, onuň duýdansyz peýda bolmagy, iň bir jygba-jygly ýagdaýda oýna goşulmagy biziň üçin nähilidir bir adatdan daşary ýagdaý bolup göründi.

Ilki bilen MakKonnor özüne geldi.

— Onda siz näme maslahat berýäňiz? — diýip, ol tolgunmak bilen pyşyrdady.

— Häzirlikçe pyýadany öňe sürmäň. Entek ondan gaça duruň. Ilki bilen patyşany howply zolakdan — «g8»-den «h7»-ä çykaryň. Şonda siziň garşydaşyňyz, megerem, hüjümi beýleki gapdala geçirse gerek. Emma şol hüjümi ruhuňyzy «c8»-den «c4»-e süýşüp, serpikdirip bilersiňiz. Şeýle ýagdaýda ol iki depgini hem-de bir pyýadany, üstesine, ähli artykmaçlygy-da ýitirer. Şunlukda, iki tarapda-da perzä çykjak pyýada galar, eger, siz takyk goransaňyz, döwi deňeçer gutaryp bilersiňiz. Siz üçin iň oňat ýagdaý şu.

Biz ýene-de doňňara daşa döndük. Onuň hasaplarynyň dürslügi hem-de çakganlygy haýran galdyrdy. Ol göçümleri kitapdan okaýan ýalydy. Onuň oýna goşulmagy

garaşylmadyk öwrüm etdi. Küşt täjiniň eýesi bilen deňmedeň oýnamak — munuň özi juda özüne çekijidi! Biziň barymyz, hamala, dilleşen mysaly, onuň küşt tagtasyna mazaly serederi ýaly, bir gapdala çekildik.

MakKonnor gaýtalap sorady:

— Diýmek, patyşany «g8»-den «h7»-ä göçmeli-dä?

— Elbetde. Häzir iň esasy zat — bir gapdala sowulmak.

MakKonnor boýun syndy, bizem, onsoň, çemçe bilen bulgura kakdyk.

Çentowiç adaty haýal ýörişi bilen geldi-de, biziň nähili göçüm edenimize seretdi. Soňam, biziň syrly kömekçimiziň öňünden aýdyşy ýaly, patyşa tarapdaky pyýadany «h2»-den «h4»-e sürdi.

Syrly nätanyş bolsa, indi howsalaly pyşyrdady:

— Ruhy öňe göç, ruhy «c8»-den «c4»-e göç, şonda ol ilki pyýadany goramaly bor. Ýöne bu oňa kömek etmez. Onuň perzi çykjak bolup duran pyýadasyna üns bermän, «c3»-däki at bilen «d5»-i alyň, şonda ýagdaý deňleşer. Goranyşa derek hüjüm ediň.

Onuň näme diýýänine düşünemzokdyk. Ol şeýdip biz bilen hytaýça-da gürleşip bilerdi. MakKonnor, misli, owsuna düşen dek, hiç hili oýlanmazdan, özüne näme buýrulsa, şony-da göçýärdi. Biz ýene bulgura kakyp, Çentowiçi çagyrdyk. Ol bu gezek küşt tagtasyna dykgat bilen seredip durşuna, ilkinji gezek göçümini haýallatdy. Özem nätanşyň öňünden aňan göçümini etdi. Çentowiç gitjek bolup eýýäm yzyna öwrülipdem, ýöne edil şu aralykda üýtgeşik, görlüp-eşidilmedik ýagdaý ýüz berdi: ol gabagyny galdyryp, birlaý bizi synlady. Onuň, hiç bir şek-şübhesiz, aramyzdan özüne şeýle berk garşylyk görkezeniň kimdigini bilesi gelendir.

Biziň bükgüldimiz dakykasaýyn artýardy. Başda utarys diýen hiç hili tamamyz ýokdy, indi Çentowiçiň buz ýaly gedemligini syndyryp biljegimiz baradaky pikir ruhumyzy göterýärdi. Biziň täze tapynan dostumyz bolsa, birjik-de wagt ýitirmän, nobatdaky göçümi salgy berdi. Çentowiçi oýny dowam etdirmäge çagyryp boljakdy. Sandyraklap duran elim bilen çemçäni bulgura urdum, şu ýerde-de biziň heşelle kakmaly wagtymyz geldi: mundan ozal dik duran ýerinden oýnan Çentowiç kürtdürdi-de, ahyrsoňunda kürsä çökdi. Kürsä-de haýallyk, kynlyk bilen özüni goýberdi, munuň özi — goý, ol hatda şu sözüň gös-göni manysynda bolsa bolaýsyn — biziň ahyry «deň derejedäki» oýunçylara öwrülendigimizden habar berýärdi. Biz, iň bolmanda, daşyndan, ony özümiz bilen deň derejede görmäge mejbur edipdik. Ol, dykgat bilen küşt tagtasyna seredip hem-de göçümi oýlanyp, sarsman otyrdy; onuň agyr gabaklary gözlerini tas ýapaňkyrlapdy. Çuňňur oýa batansoň, agzy biraz açylypdy, munuň özi, onuň keşbini samsyklajrak edip görkezýärdi. Çentowiç birnäçe minut pikirlendi, soňam göçüp, ýerinden turdy.

Biziň dostumyzam derhal pyşyrdady:

— Pat. Gowy tapylan göçüm. Ýöne onuň diýenine gitmäň. Çalşyga gidiň. Hökman çalyşmaly. Şondan soň deňeçer ýagdaý dörär, onuň etjek alajy bolmaz.

MakKonnor diýleni etdi. Oýunçylaryň ikisiniňem soňky emelleri (biz indi birçakdan bäri ýöne bir sessiz-üýnsüz tomaşaça öwrülipdik) biz üçin çöpleri eýläk-beýläk süýşürmekden başga zat däl ýaly göründi, ýeke göçüme-de düşünemzokdyk. Ýedi göçden soň, Çentowiç biraz oýlanyp, gabagyny galdyrdy-da, bize: «Deňe-deň» diýdi.

Bir pursatlyk doly asudalyk aralaşdy. Birdenem bada-bat hem deňziň, hem goňşy otagdaky radionyň sesi, hemem gäminiň ýokarky palubasynda gezmeläp ýörenleriň her bir aýak sesi, hatda penjireleriň çarçuwalaryndaky şemalyň çalaja şuwwuldysyna çenli eşidildi. Biz gymyldamaga-da het edip bilmedik. Barysy şeýlebir duýdansyz bolup geçdi welin, dogrusy, ýüregimize ýel düşüpdi: nireden bärik gütläp düşendigi nämälim bir kimse, tas utdurylan oýunda, küşt täjiniň eýesini öz erkine kökermegi başarypdy. MakKonnor uludan dem aldy-da, göwnühoş halda «ähä!» diýip, yza gaýşaryldy. Men ýene dykgat bilen Çentowiçiň ýüzüne seretdim. Häli oýnuň ahyrynda onuň reňki öçen ýaly bolup görnüpdi. Emma indi küşt täjiniň eýesi özüne erk etmegi başardy. Entegem parhsyz görnüşini saklap durşuna, ol gujurly goly bilen küşt tagtasyndaky mallary syrdy-da, şeýle diýdi:

— Jenaplar, üçünji döwi dikmäge meýliňiz barmy?

Sorag parahatlyk bilen, çynlakaý äheň bilen berlipdi, küşt täjiniň eýesiniň MakKonnora bütinleý barsyňam diýmän, biziň halasgärimiziň garagyna tiňkesini dikip durmagy geň zat däldi. Ýabynyň täze çapyksuwaryň tejribelidigini üstüne ynamly oturyşyndan tanaýşy ýaly, Çentowiçem özüniň hakyky, ýeke-täk garşydaşynyň kimdigini aňdy. Onuň yzysüre biz, biygtyýar, nätanşyň ýüzüne nazarymyzy dikdik. Emma ol agzyny açyp ýetişmänkä, MakKonnor şöhratparaz göçgünlilik bilen, dabaraly haýkyrdy:

— Gürrüňi ýok, hökman dikeris! Ýöne bu sapar şu jenap oýnar. Onuň ýeke özi Çentowiçiň garşysyna.

Şu ýerde-de görlüp-eşidilmedik ýagdaý ýüz berdi. Henizem boşadylan küşt tagtasyna düşnüksiz dartgynlylyk bilen seredip duran nätanyş bu çürt-kesik gürrüňi eşidip,

galpyldap gitdi. Ähli nazaryň özüne gönügenini görübem, utanjyna ýygryldy.

— Ýok, jenaplar, maňa oýna diýmäň — diýip, ol halys basga galyp, sakynyp gürledi. — Bu mümkin däl... Mensiz oňmaly borsuňyz... Küştüň başynda oturmanyma eýýäm ýigrimi, aý, ýok, hatda ýigrimi bäş ýylam geçendir. Birugsat siziň oýnuňyza goşulyp, sypaýyçylyksyz hereket edenime diňe şu wagt düşündim. Öte geçenim üçin bagyşlamagyňyzy haýyş edýän. Indi size päsgel bermen.

Haýran galmakdan özümizi dürsäp ýetişmänkäk, ol yzyna öwrüldi-de, içeriden çykyp gitdi.

— Ýöne bu mümkin däl-ä! — diýip, gyzma MakKonnor stoly ýumruklap durşuna gopgun turuzýardy. — Ýigrimi bäş ýyllap küşt oýnamanlygy bütinleý bolup biljek zat däl! Ahow, ol her bir emeli, her bir garşylyklaýyn hereketi, pesinden, bäş-alty göçüm öňünden gördi ahyry! Muny toslap tapyp bolmaz-a. Bu bir akyla sygjak zat däl, dogry dälmi näme?

MakKonnor soňky sowal bilen, biygtyýar, Çentowiçe ýüzlendi, ýöne dünýä täjiniň eýesiniň şol bir sowukganlylygydy, parahatlygydy.

— Şu babatda näme diýjegimi bilemok. Ýöne şol jenabyň oýnunda bir üýtgeşik, gyzykly zad-a bar; şonuň üçinem oýny isleýşiçe alyp gideri ýaly, oňa bilgeşleýinden mümkinçilik berdim.

Ol şo pursadyň özünde äwmezlik bilen ýerinden turdy-da, gomalyp gürledi:

— Belki-de, şol jenap ýa-da siz, jenaplar, ertir ýene-de bir ýola küşt dikmek islärsiňiz — onda sagat üçde men siziň ygtyýaryňyzda borun.

Biz çala ýylgyranymyzy gizläp bilmedik. Çentowiçiň özümiziň näbelli tanşymyzy ýöriteläp utmadyksyrandan

bolmandygyny her birimiz gaty gowy bilýärdik. Onuň özüni aklajak bolşy juda gömelteýdi, şondan ötri biz bu tumşugy ýokary gedemiň hasam gutarnykly masgara bolanyny göresimiz gelýärdi. Bizi, bikär syýahatçylaryň baryny, birden, elhenç, şöhratparaz göçgünlilik gurşap aldy. Bizi gäminiň üstünde, açyk deňizde çempionyň elinden täji kakylyp alnar hem-de bu wakany telegraf agentlikleri tutuş dünýä ýaýradar diýen pikir maýyl edýärdi. Üstesine-de bizi halasgärimiziň syrly peýda bolmagy odukdyrypdy, özem iň jygba-jygly pursat oýnumyza goşulypdy, ol hetdenaşa utanjaňdy, şonuň bilen birlikde juda özüne göwni ýetýän oýunçydy, bu-da geň galdyryjy gapma-garşylykdy. Eýsem, bu nätanyş kimkä? Belki, gözümiziň alnynda mundan ozal mälim bolmadyk uçursyz küşt zehini tötänlikde dünýä açylandyr? Ýa-da ol haýsydyr bir sebäbe görä öz adyny aýdasy gelmedik meşhur ussatmyka? Biz şeýle ýagdaýyň her birini aldygyna maslahatlaşyp, kellämizi göçürýärdik. Onuň düşnüksiz çekinjeňligini ýatlap hem-de gaty köp ýyl bäri küşt oýnamandygy baradaky duýdansyz agzyndan sypdyran gepini göz-görtele ussatlygy bilen degşirip gören mahalymyz biziň üçin indi iň bir akyla sygmajak çaklamalaram geň däldi. Ýöne bir zatda welin, pikirimiz deň gelýärdi: herhal ýaryşyň dowam etmeginiň gamyny iýmeli. Biz ertir nätanşy Çentowiçiň garşysyna oýnamaga yrmagy hem-de munuň üçin ähli tagallalary birikdirmegiň kararyna geldik. MakKonnor çykdajylary tölemegi üstüne aldy, meni bolsa, ildeşi hökmünde — biz şu aralykda nätanşyň awstriýalydygyny gäminiň hyzmatçysyndan eşidipdik — umumy haýyşymyzy oňa ýetirmek üçin wekil edip iberdiler.

Ony agtarmak üçin köp wagt derkar bolmady. Ol ýokarky palubadaky şezlongda uzanyp, kitap okap otyrdy. Beýle

ýagdaý ony içgin synlamaga ýol berdi. Ol ýassyga direnip ýatyrdy, daş sypatyndan gaty ýadaw adama meňzeýärdi. Göräýmäge ýaş, mese-mälim ýüz keşbinde düýbünden reňk-petiň ýokdugy haýran galdyrdy. Çekgeleri bütinleý ap-akdy. Näme üçindigin-ä bilemok, ýöne mende ol duýdansyz, birden garrapdyr diýen duýgy döredi. Ýanyna golaý gelen badyma, ol edep bilen ýerinden turdy-d özüni tanatdy. Onuň aýdan ady köne Awstriýada uly hormat goýlan maşgala degişlidi. Şu maşgalanyň agzalarynyň biriniň kompozitor Şubertiň ýakyn dosty bolandygyny, beýleki biriniň goja imperatoryň köşk lukmany bolandygyny ýadyma saldym. Çentowiç bilen küşt dikmek baradaky haýyşymyzy onuň dykgatyna ýetirenim-de doktor B. haýran galdy. Ol ady jahana dolan dünýä täjiniň eýesiniň garşysyna küşt dikenini, üstesine, gowy oýun görkezenini gümanam etmeýän bolsa näme. Şu jikme-jiklikler onda aýratyn täsir galdyrdy. Ol garşydaşynyň hakykatdanam halkara baýraklarynyň eýesiniň bolandygyna özümiň ynamymyň bardygyny-ýokdugyny gaýtalap-gaýtalap, nekirtläp-nekirtläp sorady. Şeýle ýagdaýyň tabşyrygymy gaty ýeňilleşdirýändigine basym düşündim. Emma örän sypaýy hem-de edep-terbiýeli adam bilen iş salyşýanyma gözüm ýetip duransoň, onuň utulaýan ýagdaýynda, çykdajyny MakKonnoryň çekjegini ýatlap durmazlygyň kararyna geldim. Doktor B. biraz ikirjiňlenenden soň, oýnamaga razylyk berdi, ýöne özüniň ukyplaryna çakdanaşa uly umyt bildirmezliklerini dostlaryma duýduryp goýmagymy haýyş etdi.

— Munuň sebäbinem aýdaýyn — diýip, ol üýtgeşik ýylgyryş bilen sözüniň üstüni ýetirdi. — Dogrusy, ähli düzgünlere laýyk oýnap biljegimi-bilmejegimi-de bilemok. Çypbakaý çynym, gimnaziýada okap ýören döwürlemden

bäri, ýagny ýigrimi ýyldanam gowrak wagt bäri küştüň başyna baramok diýemde, bolgusyz sypaýyçylygyň hatyrasyna aýtmandym. Hatda şo wagtlaram küştçi hökmünde alyp barýan galam ýokdy.

Munuň özi şeýlebir halys ýürekden aýdyldy welin, men onuň sözlerinde jinnek ýaly-da ýalanyň ýokdugyna birjik-de ikirjiňlenmedim. Ýöne, herhal, şonda-da oňa garşy çykman durup bilmedim, onuň her döwrüň çempionlarynyň oýnan döwleriniň iň bir uşajyk jikme-jikliklerine deňiç näderejede takyk salgylanyp bilşi meni haýrana goýupdy. Çaky, ol küştüň düýbi-teýkaryny derňemäge köp wagtyny sarp eden borly.

Doktor B. ýene-de syrly ýylgyryşyny etdi:

— Köp wagt giderensiňiz diýdiňizmi? Ýokarda Hudaý bar, şol-a çyn. Küşte juda köp wagtymy bagyş etdim. Ýöne bu üýtgeşik, nähili aýtsamkam, juda seýrek duş gelýän ýagdaýlarda bolup geçdi. Munuň özi diýseň çylşyrymly waka, ol biziň ajap eýýamymyz baradaky kyssanyň görnetin mysalam bolup biler. Belki, siz ýarym sagat çydamaga kanagat edersiňiz?..

Ol şeýle diýip gapdaldaky şezlonga ümledi. Onuň çakylygyny höwes bilen kabul etdim. Daş-töwerekde ynsjyns ýokdy. Doktor B. äýnegini aýyrdy, ony gapdalynda goýubam, gürrüňe başlady:

— Meň adymyň, aslyňyz wenaly bolanyňyz üçin, özüňize tanyşdygyny belläp geçdiňiz. Ýöne ilki kakam ikimiziň, soňam bir özümiň eýelik eden hukuk meseleleri boýunça iş alyp barýan edaramyz barada eşiden dälsiňiz. Biz metbugat sahypalarynda goh-galmagal döredýän işleriň başyna baramzokdyk, täze müşderilerdenem ýöriteläp gaça durýardyk. Aslynda-ha biz adaty hukuk tejribesi bilen meşgullanamzokdyk-da, eýsem, hukuk maslahatlaryny

bermek hem-de baý keşişhanalaň emläklerini dolandyrmak bilen meşgullanýardyk, kakamyň keşişhanalar bilen ýakyndan baglanyşygy bardy, ol klerikal partiýanyň deputaty bolupdy. Mundan başga-da — häzir monarhiýa döwri taryhyň gatyna siňip gidensoň, bu barada aç-açan gürläp bolýar — bize hökümdarlar maşgalasynyň käbir agzalarynyň maýasyny dolandyrmagam ynanylypdy.

Maşgalamyzyň köşk hem-de kilise bilen aragatnaşygy (agalarymyň biri hökümdaryň köşk tebibidi, beýlekisi — Zaýtenştettende kilise baştutanydy) ozalky nesillere baryp direýär; bize diňe şu gatnaşyklary saklamak hem-de dowam etdirmek galýardy. Müşderileň ynamy bize miras boýunça geçipdi, ynam bilen birlikde beýle bir çylşyrymly bolmadyk, azarsyz-bizarsyz borçlaram geçipdi. Bizden, esasan, salyhatlylyk hem-de wepadarlyk talap edilýärdi — şeýle häsiýetler kakama doly mahsusdy. Diňe kakamyň ätiýaçlylygy bilen, hümmetsizlik ýyllarynda hem-de agdarylyşykdan soň, biziň müşderilemmiz özleriniň gymmatly zatlarynyň agramly bölegini saklap galdylar. Soňra Germaniýada häkimiýeti Gitler eýelän mahaly kiliseleň hem-de keşişhanalaň emläkleri alnyp başlananda, iň bolmanda, gozgap bolýan emläkleri beri halas etmek üçin ýurduň daşyndan käbir ädimler ädildi. Gepleşikler biziň üstümizden alnyp barylýardy, imperator öýi bilen Watikanyň arasyndaky hiç haçan sepi bildirilmejek ylalaşyk diňe ikimize mälimdi. Edaramyz bütinleý göze görnenokdy, hatda gapymyzda ýazgam asmandyk, hökümdar toparlaryndan bilgeşleýin çeke durýardyk, şulam bizi iriziji soraglardan goraýardy. Awstriýa hökümeti şu geçen ýyllaň dowamynda hökümdar maşgalasynyň gizlin çaparlarynyň özümiziň dördünji gatdaky känbir göze ilip barmaýan edaramyza adatdan

daşary wajyp hatlary getirýänini hem-de olara jogaplary alyp gidýänini gümanam etmeýärdi.

Heniz milletparaz jeňbazlar öz leşgerlerini tutuş dünýäň garşysyna sürmezlerinden kän öň olaň Germaniýa bilen goňşy döwletleň ählisinde kineli, ýekirilen, nägile adamlardan berk düzgün-tertibe salnan hem-de harbylaşdyrylan zabun toparlary döredip başlandyklary bellidir. Her bir edarada, her bir kärhanada özleriniň guramajyklary bardy, olaň Dolfusyň hem-de Şuşnigiň şahsy rezidensiýalaryny goşmak bilen, ähli ýerde içalylarydyr şugulçylary bardy. Biziň göze ilip durmaýan edaramyzda-da şolaň jansyzy bardy, haýp, ony gaty giç duýupdyryn. Ol nalajedeýin, kütek emeldardy, ony bir ruhanynyň aradurarlyk etmegi bilen işe alypdym, şeýtmek bilenem edaramyza hakyky, çynlakaý guramaň görnüşini bermek isläpdim. Oňa diňe iň ýönekeýje ýumuşlary tabşyrardyk: ol telefon jaňlaryna jogap bererdi hem-de kagyzlary çatardy — elbetde, ol kagyzlaň bütinleý ähmiýeti ýokdy. Oňa hatlary açmaga ejaza berilmeýärdi. Iň wajyp hatlary elin özüm çap edýärdim — özem diňe ýekeje nusgada. Ähli wajyp maglumatlary öýümde saklaýardym, gizlin gepleşikleri bolsa, keşişhana jaýlarynda ýa-da agamyň lukman otagynda alyp barýardym. Şeýle ätiýaçlyk çäreleriniň görülmegi sebäpli, bize goýlan içaly, suwytly bir zat aňyp biljek däldi. Megerem, tötänligiň oýny bu şöhratparaz adamjygyň gözüni açan borly, ol özüne ynanylmaýanyna, arkasyndan her jüre işleň gaýrylýandygyna aň ýetirdi. Mümkin, meň ýok mahalym çaparlaň biri geleňsizlik zerarly şertli «baron Bern» diýmäge derek, «onuň alyhezretleri» diýip, dilinden sypdyrandyr. Melgunyň bildirtmän hatlary açan bolmagy-da ähtimal. Garazhaý, nähili bolanlygynda-da, entek nämedir bir zada

münkürlik etmäkäm, ol eýýäm bizi aňtamak barada Mýunhenden ýa-da Berlinden buýruk alypdyr. Has soňrak, eýýäm tussag astyna alnamdan soň, ilki ýalta hem-de sölite bolan bu kişiň birden-bire soňky aýlarda üýtgeşik yhlaslylyk görkezip başlanyny ýadyma saldym: ol hemişe meň hatlammy: «Getir, özüm ibereýin!» diýip alyp-ýolup barýardy. Boýun alaýyn, seresaplylygy goldan beripdirin, ýöne, eýsem, ynha, Gitler biziň döwrümiziň tanymal diplomatlaryndan, generallaryndan öňe geçmegi hem-de olara hile salmagy başarmadymy näme?

Gestapo meni dowamly yzarlaýardy — ynha, muny şu ýagdaýam görnetin tassyklaýardy: esesçiler meni agşamara, Şuşnigiň öz derejesinden ýüz öwren güni, Gitleriň Wena girmeziniň bir gün öň ýany tussag etdiler. Hernä, radio boýunça Şuşnigiň hoşlaşyk sözüni eşidip, iň wajyp hatlary ýakmaga ýetişdim, beýlekileri, şonuň ýaly-da daşary ýurtlardaky hem-de keşişhanalardyr iki sany ersgersoga degişli bolan gymmatly kagyzlara dilhatylary kirli eşikli sebediň içinde gizledim, olary-da wepaly hyzmatkär zenanymyz agamyň öýüne äkitdi. Bulaň bary iň soňky pursatda berjaý edilipdi, şonuň yzja ýany gitlerçiler eýýäm öýüme zomap giripdiler.

Doktor B. gürrüňiniň arasyny kesdi. Şonda men doktoryň agzynyň sag burçjagazynyň dartylyp-dartylyp gidýänini gördüm. Men bu dowamsyz, çala bildirýän dartylmany ozalam bir aňypdym, dartylma her iki-üç minutdan gaýtalanýardy hem-de onuň ýüzüne çakdanaşa ynjalyksyzlyk çaýýardy.

— Siz, megerem, köne Awstriýa tarapdarlarynyň ählisiniň konsentrasion lagerlere taşlanyşy, olaryň şol ýerlerde jebir-jepalara, gynamalara, kemsidilmelere sezewar edilişi barada

gürrüň bererime garaşýansyňyz. Beýle zatlara bütinleý duçar bolmadym. Meni şeýle täleýi ters gelen betbagtlaň hataryna goşmadylar-da, aýratyn topara degişli etdiler. Gitlerçiler ol betbagtlardan ähli usul-tärler arkaly ahmyrly ýigrençlerini çykarýadylar — hem ruhy taýdan, hem beden taýdan ejir ýamanyny berýärdiler; meni bolsa çaklaňja adamlaň toparyna goşdular, milletparazlar bizden pul ýa-da wajyp maglumatlary sykyp almaga bil baglaýardylar. Ady belli kişilerden bolmamsoň, elbetde, gestaponyň ünsüni çeker ýaly mende hiç hili zat ýokdy, emma olar kakam ikimiziň başga biriniň ýerine oturdylan şahsdygymyzy, özleriniň ganym duşmanlarynyň emläklerini goraglaýan, şolaň ynamyna giren adamlardygymyzy güman edýärdi. Olar meni keşişhanalaň perdesini syrýan resminamalary bermäge mejbur etjek bolýardylar, soňam maýalary ýaşyrmakda keşişhanalaň garşysyna günä ýöňkejek bolýardylar; patyşa öýüniň hem-de patyşa düzgüniniň tarapdarlarynyň ählisiniň garşysyna resmi maglumatlary almak isleýärdiler. Biziň elimizden geçen gaznalaň agramly bölegi ykjam ýygşyrylandy hem-de olaň kast ederinden daşdady, şondan ötri olaň şübheleri esassyzam däldi. Hut şu sebäpden ilkinji günüň özünde meni tussaga gabapdylar, synagdan geçen usullary ulanybam, gerekli maglumatlary almakçydylar.

Şonuň üçinem maňa meňzeş adamlar konsentrasion lagere iberilmändi, bizden pullary ýa-da wajyp resminamalary sykyp almalydy. Megerem, ýadyňyzdadyr, biziň kanslerimiz, şonuň ýaly-da, baron Rotşild tikenekli demir simiň aňyrsyna taşlanmandy, çünki olar bulaň garyndaşlaryndan millionlap-millionlap pul sagmaga umyt edýärdiler; gaýtam, tersine, olar üçin aýratyn şertleri döretdiler: olar «Metropol» myhmanhanasynda özbaşdak

otaglarda ýerleşdirilipdi, gestapoň karargähi-de şo taýdady. Hiç zadyň alnyndan bolmasamam, maňa-da şeýle hormat bildirdiler.

Myhmanhanada özbaşdak otag — göräýmäge, ynsanperwerligiň aňry başy ýalydyr, şeýle gerek? Ýöne, ynanaýyň, adamkärçilikli şertleri döretmek olaň küýünde-de ýokdy. Bizi, «tanymal kişileri» ýigrimi adamlyk otagly buz öwüsýän agaç jaýlara gabamaga derek, myhmanhananyň ýyljak otaglaryndan orun berdiler, ýöne şeýtmek bilen gaty aňyrdan aýlaýardylar. Olar bizden gerekli maglumaty adaty urup-ýençmeler, gynamalar arkaly däl-de, eýsem, has inçe jezalary — doly çetleşdirme jezasyny ulanyp, almagy niýet edinýärdiler. Bize hiç zadam edenokdylar. Diňe boşluga, gowalçlyga dykdylar, olar ýalňyzlygyň adamyň beýnisine güýçli täsir edýänini gowy bilýärdiler. Bizi daşky dünýäden doly gyrakladyp, içki dartgynlylygyň aýazdyr gamçydan has çalt gürlemäge mejbur eder diýip garaşýardylar.

Şeýle seredeňde meni ýerleşdiren otaglary ýakymsyz täsir galdyranokdy: o taýda gapy, stol, krowat, kürsi, el-ýüz ýuwulýan, gözenekli penjire bardy. Ýöne gapy gündizem, gije-de ýapykdy; stoluň üstünde — ne kitap, ne gazet, ne galam, ne-de kagyz bardy; penjiräň öňünde — kerpiç diwar; özümem, bedenimem boşlukdady. Bar zadymam elimden gaňrypdylar: wagtyň näçedigini bilmezim ýaly sagadymy, ýazyp bilmezim ýaly galamymy, öz-özüme kast etmezim ýaly çakgymy alypdylar. Görüp bilýän ýeke-täk ynsan diýen jandarymam türme gözegçisidi, emma oňa meň bilen gürleşmek, sowallamma jogap bermek gadagandy. Ne adamlaň ýüzüni görýärdim, ne-de adamlaň sesini eşidýärdim, ertirden gijä, gijeden ertire çenli gözüm üçin, gulagym üçin, beýleki duýgulam üçin hiç hili ruhy çeşme

ýokdy. Öz özüm bilen hem-de az-owlak dilsiz-agyzsyz zatlar — stol, krowat, penjire, el-ýüz ýuwulýan bilen ýekme-ýekdim. Men lal-jim, tüm garaňky ummana goýberilen batisferadaky guwwas deýin ýalňyzdym, üstesine, halas ediji urganyň üzülendigine, indem hiç haçan şu düýpsüz çuňlukdan çykarylmajagyna garjaşyk ahwalatda düşünýän adam ýalydym...

Men hiç zat edemokdym, hiç zat eşidemokdym, hiç zat göremokdym. Aýratynam gijelerine. Bu bir wagtsyz, giňişliksiz boşlukdy. Bir burçdan beýleki burça ýöremek bolýardy, şonda pikirleňňem mydama yzyňa düşýärdi. Zol-zol aňyrdan bärik, bärdenem aňryk... Ýöne hatda pikirleriňe-de nähilidir bir daýanç nokady gerekdi, ýogsa, olar öz töweregiňde bimany perwaz urup başlajakdy: olaram boşlugy göterip bilmeýär. Irden agşama çenli nämedir bir zada garaşýaň. Emma hiç zat bolanok. Garaşýaň, garaşýaň — hiç zadam bolup geçenok. Ynha, şeýdip şol garaşyp dursuň, garaşyp dursuň, tä çekgäň agyryp başlaýança, şol pikir edip dursuň, pikir edip dursuň, pikir edip dursuň. Şol bir heň. Sen henizem ýalňyz. Ýalňyz. Ýalňyz...

Şeýle ýagdaý iki hepdeläp dowam etdi. Men wagtdan üzňe, durmuşdan üzňe ýaşaýardym. Eger uruş başlan bolanlygynda, men muny ömrylla bilmezdim: meň dünýäm stol, gapy, krowat, el-ýüz ýuwulýan, kürsi, penjire, diwarlar bilen çäklenýärdi. Her sapar diwar kagyzynyň nagyşlaryna sereden mahalym, göwnüme bolmasa, kimdir biri olaň egri-bugry şekilini polat kesgiç bilen beýnimde gaýtalaýan ýalydy.

Ahyry soraglar başlandy. Duýdansyzlykda çagyrýardylar — men muň gündiz bolýanynam, gije bolýanynam bilemokdym. Birnäçe insizje dälizler arkaly nämälim bir

ýerlere gitmeli bolýardy. Soňam nirededigi nämälim ýerde garaşmaly. Ahyry stoluň öňünde sömelýäň, onuň aňyrsynda harby lybasda iki kişi oturandyr. Stoluň üstünde içi maglumatly top-top kagyz ýatyr — olaň mazmunyny biljek gümanyň ýok; soňra soraglar başlanýar; gereklisem bar, gerekmejegi-de, gönüden-gönüleri-de bar, ugrukdyryjylary-da, hileli sowallaram bar, duzaga meňzeşleri-de. Olara jogap berýän mahalyň, keseki kişiň niýeti ýaman barmaklary kagyzlary waraklaýar, senem şo taýda nämeler ýazylanyny bileňok, keseki kişiň ýaman niýetli ellerem siziň görkezmeleňňizi ýazýar, senem, aslyýetinde, onuň nämeler ýazýanyny bileňok. Ýöne şu soraga çekmelerde özüm üçin iň aýylganjy meň edaramda nämeler amala aşyrylany barada hut gestapo üçin eýýäm nämeleň mälimdigini, olaň menden ýene nämeleri aňmak isleýänini bilemokdym, asyl biljek gümanymam ýokdy. Iň soňky pursatda iň wajyp hat-petekleri agama bermek üçin hyzmatkär zenana gowşurandygymy hälem bir size ýaňzydypdym. Şol hat-petekler agama ýetdimikä beri? Şugulçy gullukçym nämeleri anykladyka? Ol haýsy hatlary alyp ýetişdikä? Olar biziň keşişhanalaň biriniň işlerini alyp barýan haýsydyr bir tünträk ruhanysyndan osmakladyp nähili syr alyp bildilerkä?

Bular welin zol soraga çekýärdiler, üznüksiz soraga çekýärdiler. Haýsydyr bir keşişhana üçin nähili gymmatly kagyzlary satyn aldyň diýip soraýardylar. O tükini ýa-da bu tükini bilýänmi-bilemok? Banklaň haýsy biri bilen aragatnaşyk saklapdyryn? Şweýsariýa bilen hem-de Hudaý bilsin başga näjüre ýer bilen hat alşypdyrynmy? Olaň eýýäm nämeleri dörjeläp, aňyrsyna ýetendiklerini öňünden duýup bilemokdym, şondan ötri her bir jogabym meň üçin ölüm howpludy. Olaň magadyna ýetmedik bir zatlaryny boýun

alyp, hiç bir hajatsyz kimdir birini pitige mündürmegim ahmaldy; ähli zatlary ret edibem, öz-özüme zyýan ýetirýärdim.

Soraga çekilmeler entek wiýçjikdi. Soraglardan soň boşluga — şol bir stolly, şol bir krowatly, şol bir el-ýüz ýuwulýanly, şol bir diwar ýüzüne kagyz çekilen baýaky otaga öwrülip barmak ondan has beter ejir berýärdi. Tenha-täk özüm galamsoň, men bada-bat soraga çekilmede nämeler bolup geçenini aňymda aýlap başlaýardym, akyllyrak jogap berip biläýjek ýerimi ölçerip-dökýärdim, özümiň oýlanyşyksyz belligim zerarly, şübheleri başymdan sowmak üçin indiki sapar näme aýtmalydygymy saldarlap görýärdim.

Şolaň baryny aňymda aýlaýardym, sülçä aýdan her sözümi çintgeýärdim, hertaraplaýyn ölçerýärdim, onuň sowallarynydyr özümiň jogaplammy ýadymda dikeldýärdim. görkezmelemmiň haýsy böleginiň bellige alynýanyndan baş alyp çykjak bolýardym, ýogsa, şulary düýbünden hasaplamagyňam, kesgitlemegiňem mümkin däldigine gaty gowy düşünýärdim. Boşlukda täk özüm galanja badyma, beýnide täze-täze çaklamalar döräp, pikirler kellämde dynuwsyz at salmaga başlaýardy, hatda şolar ukyny-da harama çykarýardy. Her sapar gestapodaky soraga çekişlikden soň özümiň oý-hyýallam rehimsizlik bilen işe girişýärdi; olar soraglaň jebir-jepalaryny hem-de ezýet-horluklaryny ýene gaýtadan dikeldýärdiler; muň özi, dogrusy, hasam eýmençdi, sebäbi sülçiň ýanynda bu, bolmanda, belli bir wagtda gutarýardy, ýap-ýaňy gören görgülemmiň aňymda gaýtalanmagynyň welin öňi-ardy görnenokdy, içiňi byjykladyp alyp barýan ýalňyzlygam muň üstesine. Aýrylmaz hemram ozalkylary ýaly stol, el-ýüz ýuwulýan, krowat, diwar kagyzy, penjire. Ünsüňi sowup biljek zat ýokdy, ne kitap

bardy, ne-de žurnal, ne del adam ýüzi bardy, ne-de nämedir bir zat belleşdirer ýaly galam bardy, ne-de barmaklaňda aýlar ýaly otluçöp, hiç zat, bütinleý hiç zat ýokdy.

Ynha, hut şu ýerde-de myhmanhanadaky ýeke adamlyk gazamat düzgünininiň nähili şeýtany oýlap tapyjylygy bilen, ynsan ruhyýetine nähili inçeden yzarlanylýan beletlik bilen mazaly ölçerilendigine doly düşündim. Konsentrasion lagerde, gürrüňsiz, tä aýaklaň gatap galýança, ganjaran gabarçakly elleriňi pakgardyp, galtakda daş çekmeli bordy, dymyljyk, sowuk öýjagazda özüň ýaly ýigrimä ýakyn betbagt bilen ýaşamaly bordy. Emma şo taýda — daş-töweregiňde ynsan keşpleri, giňişlik, galtak, daragtlar, ýyldyzlar bardy ahyry, o ýerde nazaryňy egläre zat bardy... bärde welin gapdalyňda hiç haçan hiç zat üýtgänokdy, barysy kelläňi üýtgeder derejede öňki-öňküsi ýalydy. Oý-hyýallamda-da, ýüregiňe-bagryňa düşüp barýan, iriziji pikirlemde-de, hetdenaşa hasap-hesiplemde-de üýtgeýän zat ýokdy. Olara geregem şudy: olar oý-hyýallammyň meni bogaryny, tä demigip başlaýançam bogaryny isleýärdiler. Şonda bialaç ylalaşmakdan hem-de boýun synmakdan, olara gerek zatlaň baryny boýun almakdan, adamlaň hem-de hat-petekleň üstüni açmakdan başga çykalga galmaly däldi.

Ýuwaş-ýuwaş boşlugyň aýylganç basyşy netijesinde elden-aýakdan çykyp barýanymy duýup ugradym. Muň nähili hatarlydygyna düşünemsoň, men bar güýjüm bilen erkimi tijeýärdim, bütinleý akylymy ýitirmezlik üçinem, nähilidir bir pişe bilen meşgullanmaga çalyşýardym. Goşgulary sesli okaýardym, haçanam bolsa bir mahal ýat tutan zatlammy — halk aýdymlaryny, çaga ýyllarymyň goşgularyny, gimnaziýada okan döwrümizde öwrenen Gomerimi, raýat kanunlar ýygyndysynyň böleklerini —

hakydama getirmäge çytraşýardym. Soňra arifmetika meselelerini çözüp ugradym, aňymda her dürli sanlary goşýardym hem bölýärdim, ýöne boşlukda meň aňyma ýapyşalga, tutalga ýokdy. Men indi hiç zatda ünsümi jemläp bilemokdym. Beýnide ýeke-täk, şol bir pikir döreýärdi hem-de okgunlylyk bilen işläp başlaýardy. Olar nämeleri bilýärkä? Düýn näme diýdim, indiki sapar näme diýmeli borun?

Aýdyp-düşündirip bolmajak şeýle ýagdaý dört aýa çekdi. Dört aý — muny ýazmak itiň aňsady, bary-ýogy alty harp; diliňde aýtmagam şoň ýaly aňsat — bary-ýogy iki bogunlyk jümle; bu sesler dem salymda dahandan şaglap çykar: dört aý! Ýöne ne döwri, ne giňişligi bolmadyk şu wagtyň nähili tükeniksiz uzaga çekenini kim gallap hem ölçäp biler? Daş-töweregiň diňe boşluk bolan mahaly, boşluk hem-de şol bir stol, şol bir krowat, şol bir el-ýüz ýuwulýan, şol bir diwar kagyzy, şol bir ses-selemsizlik, gabaklaryny galdyrman gapydan nahar uzadýan şol bir gullukçy, tä aňyňy ýitirýänçäň gijelerine günüňe goýmaýan şol bir pikirler adamyny heläk edýärdi, ýalňyzlyk ony sandan çykarýardy, muny dil bilen aýtmak, söz bilen beýan etmek, hiç kime düşündirmek mümkin däl.

Käbir ownuk alamatlar boýunça beýnimiň kadaly işlemeýändigine göz ýetirip, tas ýüregim agzymdan çykypdy. Ilki-ilkiler soraga çekilmelere bütinleý dury beýnili barýardym. Parahatlyk, seresaplylyk bilen görkezme berýärdim hem-de özümiň nämeleri aýtmalydygymy, nämeleri aýtmaly däldigimi anyk bilýärdim. Indi bolsa, bar oňarýan zadym — ýönekeýje jümleleň-de sakynyp-sakynyp başyny çatýardym, çünki görkezmelemmi aldygyna kagyza geçirip duran per galamdan gözümi aýryp bilemokdym, öz sözlemmiň yzyndan ýüwrüp-ýüwrüp, gidiberesim gelýärdi.

Öz-özüme erk edip bilmän başlanymy duýdum. Başymy gutarmak üçin bilýänlemmiň baryny, belki-de, şolardan artykmajyny-da aýtjak pursadymyň golaýlaýanyny syzýardym. Şu demikdirip barýan boşlukdan dynmak üçin men on iki adamyň sepini açaryn, özüm üçin jinnek ýaly bähbidim bolmazdan, olaň syryny paş ederin, şeýdenim üçinem, gyzyp gitse, sähelçe wagt idemelerini goýarlar.

Günlerde bir günem iň soňky çäge baryp ýetendirin-dä, türme gözegçisi nahar getiren mahaly şeýlebir lapykeçlik kakyn-silkinim tutdy welin, birden onuň yzyndan gygyraýdym:

— Sülçiň ýanyna eltiň! Baryny boýun almakçy. Olara hat-petekdir pullaň nirededigini aýtjak! Barysyny aýtjak! Barysyny!

Hernä, bagtyma, ol sesimi eşitmedi ýa-da eşitmezlige saldy.

Ynha, şunuň ýaly juda çykgynsyz ýagdaýda görlüp-eşidilmedik waka ýüz berdi. Gutulmagyň çalarak ujy göründi, wagtlaýyn bolsa-da, herhal, şol derdimi gutarjakdy. Iýulyň ahyrydy, gözedürtme garaňky, ýagyşly gün. Şulaň bary jikme-jikligi bilen ýadymda, sebäbi däliz bilen soraga alyp barýan mahallary ýagyş damjalary penjiräni şabyrdadýardy. Men sülçiň otagynyň öňündäki dalanda garaşmaly boldum. Soraga çekişligiň öňüsyrasy mydama köp garaşmaga mejbur edýärdiler. Şeýtmek olaň düzgünine giripdi. Ilki gijäň içinde duýdansyz ýerden çagyryp, iki aýagyňy bir gonja sokýardylar, soňra özüňi dürsäp, synaga taýýar bolaňsoň, erkiň hem-de aňyň garşylyk görkezmäge häzir bolansoňam, ýapyk gapyň öňünde bir sagatlap, iki sagatlap, üç sagatlap garaşmaga mejbur edýärdiler. Bu bimany böwşeňlik seni surnukdyrmaga, ruhuňy syndyrmaga niýetlenilýärdi. Şol

penşenbede, 27-nji iýulda — şu güni mazaly ýadymda saklamagymyň aýratyn sebäpleri bar — olar meni gaty köp sakladylar; sagat iki gezek zaňyny kakdy, men bolsam, dalanda şol dik durup garaşyp durdum. Maňa oturmaga rugsat berilmeýäni öz-özünden düşnükli, onsoň, iki sagadyň içinde aýaklam bütinleý saňgaty bolup gidipdi. Garaşyp duran otagymda senenama asylgy durdy. Nähilidir bir çap edilen, nähilidir bir ýazgyly zady göresimiň gelip ölüp barýanymy size düşündirmek kyn düşýär, şol sebäpden, misli jadylanan dek, şol sanlara hem-de harplara tiňkämi dikip durun — «27-nji iýul». Olary gözüm bilen iýäýsem diýýärdim. Soňra ýene garaşýan, gapa garap, haçan açylarka diýip şol garaşyp durun. Janalgyçlar bu sapar nähili sowal bererkäler diýibem kellämde ölçerip-döküän, ýöne olaň özümiň taýýarlyk gören jogaplammyň düýbünden tersine nähilidir bir başga zatlary sorajaklaryny-da gaty gowy bilýän. Şonda-da, hiç zada garamazdan, bu jebir beriji nämälimlige-de, sütünimiň süýnmegine-de şükür edýärdim: men öz otagymda däl-de, başga bir otagdadym! Bu otag meňkiden sähelçe ulurakdy, bir penjiräň ýerine ikisi bardy, krowatam, el-ýüz ýuwulýanam, sekirtmekdäki million sapar görlen jaýryklammam ýokdy. Gapyň reňki başgady, diwaryň ýanynda başga kürsi durdy, çep tarapda kagyzlar üçin yşgapjyk hem-de asawaç bardy, asawaçda-da maňa jebir berijileň üçmi ýa dörtmi şineli sallanyp durdy. Öňümde nähilidir bir täze — birsydyrgynlykdan aran gözlem üçin üýtgeşik tomaşa bardy, maňa şondan doýma ýokdy.

Men şinellerdäki her bir epinjige deňiç gözden geçirýärdim; ynha, ol ýakalaň birinden damjajygyň sallanyp duranyny gördüm — bu size, megerem, gaty gülkünç eşidiler — hemem ahyrsoňunda şu damja üzülip, aşak

syrygarmyka ýa-da ýeriň dartyş güýjünden rüstem gelip, duran ýerinde saklanyp bilermikä diýip bimany howsala bilen garaşýardym. Çypbakaý çynym, birnäçe dakykaň dowamynda, hamala, şu damja ömrüm baglanan ýaly, demimi alman, şondan gözümi aýyrmadym. Damja ahyry togarlanyp gidensoň, şinellerdäki ilikleri sanamaga girişdim — birinde sekiz, beýlekisinde-de — şonça, üçünjisinde — on sany ilik bardy. Soňra tapawutlandyryş nyşanlaryny deňeşdirdim. Bu samsyklaç, gerekmejek, ähmiýetsiz maýda-çüýdeler özümi nähili güýmeýändigi, olaň bu golaýda del zada nazary düşmedik gözlemmi gyjyndyryşy hem-de gandyryşy barada aýdybam oturmaýyn. Birden duýdansyz ýerden bütinleý üýtgeşik zady gördüm, şolam meni gutarnykly jadylady. Şinelleriň biriniň gapdal jübüsiniň çalarak güberip duranyny aňdym. Men ýakynrak süýşdüm. Kisedäkiň gönüburçly sudurynda çen tutup, onuň kitapdygyny güman etdim. Dyzlam saňňyldap gitdi. Kitap! Ynha, indi dört aýyň içidir, elimde kitap saklap görmändim, şondan ötri sözleň setirlere düzülýändigi, setirleňňem sahypalary, çap kagyzlary, ahyrynda-da kitaby emele getirýändigi — şol kitapdanam mundan ozal özüme belli bolmadyk, geň-enaýy, gyzykly pikirleri tapyp hem-de ýat bekläp bordy — bu baradaky pikirleň bary hem-ä duýgulammy dörjeleýärdi, hemem melul edýärdi.

Men, doga-jady edilen mysaly, güberip duran kisä, içi kitaply kisä şeýlebir hyjuw bilen seredýärdim welin, hamala, öz otlukly nazarym bilen şineli çürüşdirip, deşäýjek ýalydym. Ahyrynda-da halys sabyr-takatymy ýitirdim. Kitaby iň bolmanda şineliň daşyndan elläp görüp biljegim baradaky pikir hyýalyma gelende, ellem saňňyldap gidipdi. Näme edýänimi özümem bilmän, hasam öňe süýşdüm.

Hernä, bagtyma, türme gözegçisi özümi alyp barşymyň üýtgänine ünsem bermeýärdi; megerem, ol iki sagatlap aýak üstünde dik duran adamyň diwara direnesiniň gelýänini adaty bir zat hökmünde kabul edäýdi öýdýän. Ine, indi men şineliň edil golaýjagyna-da bardym. Oňa bilniksiz el degirmäge ýagdaý döretmek üçin elimi arkama aýladym. Jübini daşyndan sermeleşdirdim, onuň içinde, hakykatdanam, gönüburçly, gyşarýan, çala şatyrdaýan zadyň — kitabyň, kitabyň bardygyna göz ýetirdim! Birdenem beýnimi bir pikir çokalap gitdi: «Kitaby çil. Bardy-geldi şeýtmek başartsa, onda sen ony öz otagyňda gizläp bilersiň hemem okap, okap, okap, soňra ýene-de gaýtalap okap bilersiň!». Şu pikir ýaňybir kellämde peýda bolanda, onuň awuly güýji ýyldyrym çaltlygynda täsir edip ugrady. Gulaklam şaňlady, ýüregim tarsyldamaga başlady, doňan barmaklam diýen etmejek bolýardy. Ýöne başky saňsar daşyna öwrülip duran ýagdaýymdan aýňalamsoň, duýdansyz şinele gysyldym, türme gözegçisinden ýeke pursadam gözümi aýyrman, arkama aýlan ellem bilen kitaby jübüden ýokarlygyna itmäge durdum. Ýokaryk, ýokaryk, ýene ýokaryk, soňam birden silkip goýberdim — seresaplylyk hem-de ýeňillik bilen çekdim, ana, şonda elime çaklaňja kitapjyk ildi.

Şu ýerde eden işimden ýaman gorkdum. Ýöne indi yza ýol ýokdy. Mende başga alaç galmandy. Kitaby bilim saklar ýaly arka tarapdan balagymyň içine dykdym, ýuwaş-ýuwaşdanam ony bykynyma süýşürdim. Indi ellemmi harbylarça gysyp, kitaby duran ýerinde saklap bilýärdim. Synag edäýmek galypdy. Asawaçdan iki ädim, üç ädim ýöredim. Gül ýaly! Eger bykynymy berk gyssam, onda kitaby gaçyrman ýanyň bilen alyp gitmek mümkindi.

Soňra soraglar başlandy. Ol adatdakylardan has köp güýjümi aldy: sowallara jogap berip durşuma öz jogaplamma ünsem bermeýärdim, kitabyň sypaýmagyndan ätiýaç edip, ähli güýjümi şony saklamaga gönükdirdim. Hernä, bagtyma, bu gezek soraglar uzaga çekmedi, onsoň, maňa kitaby öz otagyma sag-aman eltmek başartdy. Jikme-jiklikleri bilen sizi ýadadyp durmaýyn: diňe yzymyza inçejik däliz bilen barýarkak gaty hatarly ýagdaýyň ýüz berenini dile getiräýeýin: kitap bilimden balagyma gaçdy, ana, şonda üç eplenip, kitaby ýene bilimiň aşagyna sokmak üçin tükeniksiz üsgülewüge tutduryp, jögülik etmeli boldum. Ony dowzahyma getirip, ahyry ýeke özüm galan pursadymdaky begenjimi aýdyp-diýer ýaly däldi. Indi men ýeke däldim.

Siz, megerem, bar arzuwymyň hasyr-husur kitaba ýapyşaga-da, ony gözden geçirmek, okamak diýip pikir edýänsiňiz. Ýok, beýle däl. Ilkinji nobatda ony gola salanymyň keýpini görmäge başladym; uzak-uzak wagtlap süýt kölüne batasym gelýärdi — hernä ogurlan kitabymyň harplary ownuk, süre-sümek bolsady, içi harplardan ýaňa dykylyp-doldurylan bolsady, ony mümkingadar uzak wagtlap okarym ýaly sahypajyklary-da ýukajykdan-ýukajyk bolsady. Onuň okanymda kesgir akyly talap edýän, oýlandyrýan kitap bolaryny isleýärdim — maňa ýeňil-ýelpäý, warraý-şarraý edebiýat derkar däldi. Eger onuň içinden nämedir bir zady — aýdaly, şygyrlary ýat tutup bolýan bolsa, ýagşy bordy. Bardy-geldi kitap — arzuw kemi ýokdur! — Gomeriňki ýa-da Gýotäňki bolsa dagy, nähili gowy bolar. Ahyry özümiň açgöz bilesigelijiligime erk edip bilmedim. Birden türme gözegçisi duýdansyz gapyny açaýanlygynda, onda şübhe döremezi ýaly, krowatyň üstünde süýndüm-de, bilimden kitaby çykardym.

Ýüzüne seredenje badyma lapym keç bolany-ha hiç welin, dogrusy, myrryhymy tutdurdy; oljam oňmady, ýogsa, ogurlyga baş goşup, kellämi etegime salypdym, iň ýokuş degýän ýeri şo kitap mende umyt uçgunjyklaryny oýarypdy, arman, ol belli küşt ussatlarynyň oýnan ýüz elli sany döwüniň ýygyndysy bolup çykdy. Beýewbar daş-töweregim diwardyr demir gözeneklerden gabalmadyk ýagdaýym bolanlygymda, kakynym tutup, bu kitaby penjireden zyňyp goýbärdim. Hany, aýdyň, beýle ugursyz zatdan maňa ne peýda, dogrudanam, ne peýda? Gimnaziýaçylaň galapyny ýaly, men wagt geçirmek üçin gaty seýrek küşt oýnardym. Ýöne muň ýaly küşt düzgünlerini derňeýän warsaky nämäme gerek?

Küşti öz-özüň bilen, has-da beteri, küşt tagtasyz, çöpsüz oýnap bolmaýar. Men kitapdan haýsydyr bir okar ýaly — nähilidir bir girişi ýa-da düşündirişi taparyn diýen niýet bilen ony ganygyzgynlylyk bilen waraklaýardym. Ýöne ussatlaň döwlerini özüm üçin nämälim alamatlar bilen aňladylyp görkezilýän göni dörtburç jedwellerden başga hiç zat tapmadym; «a2–a3», «f1–g3» hem-de şolara meňzeş. Bulaň bary meň üçin algebraik kesgitlemelere çalymdaş bir närsedi, mende olary çözmegiň täri ýokdy. Diňe dura-bara «a», «b», «c» harplaň dik hatarlary aňladýanyna, «1» — «8» sanlarynyňam kese hatarlary aňladýanyna, olaň her bir aýry çöpüň häzirki pursatdaky ýagdaýyny görkezýändigine düşündim. Diýmek, bu arassa grafiki diagrammalar nämedir bir zatdan habar berýärdi.

«Kim bilýä — diýip, men oýlandym. — Eger küşt tagtasyna kybap bir zat ýasamagy oňarsam, belki-de, maňa bu döwleri oýnamak başardar». Düşegümiň üstüne ýazylan gözenek çyzmykly mata maňa ýokardan sallanan peşgeş bolup göründi. Ony kesgitli derejede epledim, şeýlelikde,

altmyş dört öýjük çyzylan meýdança emele geldi. Kitapdan bir tagta goparyp aldym-da, özüni düşegiň aşagynda ýygşyrdym. Soňam çöregiň maňzyndan patyşany, perzidir galan çöpleri (netijesi, elbetde, gülkünçdi) ýasamaga girişdim hemem ahyrsoňy tükeniksiz kynçylyklary ýeňip, matanyň ýüzünde kitapda getirilen küşt oýunlarynyň birini görkezmegi başardym. Ýöne tutuş döwi oýnamaga çytraşamda, «ak çöplerden» beýleki çöpleň ýarysyna çaň çyrşamsoň, şol gara mallary aňlatmaly betbagt çöpler meň maksadyma bütinleý ýaramsyz bolup çykdy. Ilkinji günler oýna derek durşy bilen bulam-bujarlyk döreýärdi, men gaýta-gaýta täzeden başlaýardym, bäş, on, ýigrimi sapar «küşt dikýärdim». Daşymy gurşap alan boşlugyň ýesirliginde meňki ýaly birgiden artyk wagt başga kimde bolsun diýsene?! Özüniňkini gögertmek üçin şeýle erjellik hem-de çydamlylyk başga kimde bolup biler?

Döwleň birini ahyryna çenli ýalňyşsyz alyp gitmek üçin maňa alty gün gerek boldy. Sekiz gün geçenden soň, küşt mallarynyň düzülişini ýadymda saklamak üçin düşegüsti matany diňe ýekeje sapar ulandym, ýene sekiz günden soň onuň geregi-de çykmady. «a1», «a2», «C3», «g8» ýaly umumy aňlatmalar meň aňymda takyk ölçegdäki görnüşe girip barýardy. Şeýle öwrülişik hiç bir kynçylyksyz amala aşdy; öz aňymyň güýji bilen küşt tagtasyny, çöpleri hyýalymda janlandyrmagy başarýardym hem-de berk kesgitlenen düzgüne laýyklykda küştüň islendik pirimini bada-bat göz öňüme getirip bilýärdim. Muň özi, ussat sazandaň nota çala seredip, her bir saz guralynyň hem-ä aýratynlykdaky sesini, hem-de bilelikdäki owazyny eşidip bilşi ýaly bir zatdy.

Ýene iki hepdeden soň, men kitapdan her bir döwi hiç bir kynçylyksyz aňym bilen, ýa-da küştçüleň dili bilen aýdaňda,

gözümi ýumubam oýnap bilýärdim. Men diňe şonda kellämi etegime salyp eden ogurlygymyň özüme niçigsi sowgat bolanyna doly düşündim. Goý, bimany, bimaksat bolsa-da, güýmenje tapylypdy, şol güýmenje-de daş-töweregimdäki boşlugy dolduryardy. Ussatlaň oýnan ýüz elli döwi bilen ýaraglanyp, men indi gysyp-gowrup barýan birsydyrgynlygyň hem-de aldajy boşlugyň garşysyna göreşip bilýärdim.

Şondan bäri täze duýgynyň ýesir edijiligini saklamaga dyrjaşyp, öz günümi laýyk kesgitlemäge başladym: irden iki döw, günorta şamyndan soňam iki döw hem-de agşamara oýnalan döwleň gysgajyk derňewi. Şunlukda, mundan ozal duzsuz tagam deýin geçen günlem, indi süýjäp ugrady. Täze pişäm meni irizmeýärdi; küştüň ajaýyp aýratynlygam şonda — hereketiň berk çäklenendigine seretmezden, aňyň hatda juda güýçli dartgynlylykda-da ýadamaýar, gaýtam, tersine, başarnygy artýar, has berdaşlanýar, berkeýär.

Ilkibaşda döwleri känbir oýlanmazdan oýnaýardym, ýöne ýuwaş-ýuwaş, ussatlyk bilen gurnalan küşt tilsimlerini hem-de hüjümlerini yzygiderli, dynuwsyz gaýtalap, men ondan üýtgeşik ruhy lezzet almaga başladym. Hüjümiň hem-de goranyşyň inçeligini, mekirligini, ýeserligini seljermegi öwrendim, oýnuň gidişini nädip birnäçe göç öňünden görüp bolýandygyna, hüjümdir garşylyklaýyn hüjümi nädip taýýarlamalydygyna, amala aşyrmalydygyna akyl ýetirdim, tizara-da her bir çempionyň oýnaýyş tärine göz ýetirdim, şonuň ýaly-da, olaň oýnuny — birnäçe setiri boýunça goşgyň haýsy şahyra degişlidigini aýdyp bolşy ýaly — göçümlerinden tanap başladym.

Başda diňe wagt geçirmegiň serişdesi bolan bolsa, soňra ol lezzete, maza öwrüldi, Alehin, Lasker, Bogolýubow,

Tartakower ýaly küşt sungatynyň deňi-taýy bolmadyk aznawurlary, misli, gadyrdan dostlam ýaly, meň bilen birlikde bendilikdäki ýalňyzlygyň derdini çekişýärdiler.

Hawa, indi yns-jynssyz zyndanymda tenha-täk däldim. Küşt bilen yzygiderli meşgullanmagym aňymyň gowşap ugran ukyplarynyň dikelip başlamagyna ýardam etdi. Serim durlananson, beýni ýene öňki kaddynda işleýärdi, hatda öňküdenem beter ýitileşdi hem-de kesgir boldy. Ozalky durkuna gelen ukyplam, ilkinji nobatda, soraga çekişlik mahaly aýdyň hem-de dürs işläp başlady. Küşt tagtasynyň başynda men, özüm aňşyrmazdan, boş, pagtabent haýbatlardan hem-de bilniksiz, ýaşyryn hüjümlerden goranmak başarnygyny aňyma siňdirýärdim, şondan bäri-de sülçüler gapyllykda üstümi basyp bilmeýärdiler. Göwnüme bolmasa, gestapoçylar maňa azda-kände hormat goýýan ýaly bolup göründi. Yzygiderli garşylyk görkezmek üçin niräň näbelli çeşmesinden güýç susup alýanym, mümkin, olary geň galdyrýandyr, sebäbi olar eýýäm birgiden adamy ruhdan düşürip syndyrypdylar, dyza çökeripdiler.

Şu ýüz elli döwi yzygiderli, gün yzyna gün yrman oýnan bagtly döwrüm iki ýarym-üç aý dowam etdi. Soňra, duýdansyz ýerden, ýene togtaýyş nokadyna diredi. Gözümiň öňünde ýene-de şol boşluk peýda boldy. Şu döwre çenli men eýýäm her bir döwi ýigrimi-otuz gezek ilikdüwme öwrenipdim. Täze duýgyň ýakymy ýitipdi, küşt tilsimleri indi oýa batyranokdy, hyjuwlandyrmaýardy, heýjana salmaýardy. Döwleri tükeniksiz gaýtalap oturmagyň peýdasy, netijesi ýokdy, olardaky her göçümi bir wagt ýat bekläpdim. Oýna başlaýan welin, ähli zat eliň aýasyndaky ýaly, göz öňüme gelýärdi, onda hiç hili garaşylmadyk, çözülmedik, bilinmedik göçüm galmandy. Eger içi küşt oýunly täze kitap tapyp,

beýnini ýene-de işlemäge mejbur edip bolsady! Ýöne bu mümkin däldi, indem mende diňe ýeke çykalga galypdy: köne, tanyş döwlemme derek özüm täzelerini oýlap tapmaly. Öz-özüm bilen, ýa-da, has dogrysy, öz garşyma oýnamalydym.

Siziň haçanam bolsa, bir mahal, ähli oýunlaň arasynda küşt ýaly iň gözeliniň, iň ajabynyň adamyň aňyna nähili täsir ýetirýäni barada oýlanyp-oýlanmanyňyzy bilmedim. Ýöne kellä sähelçe agram salsaň, bu oýunda tötänlik ýok, küşt arassa paýhas oýny, öz garşyňa özüň oýnamagyň manysy ýok. Küştüň bar ýakymy, keýpi, esasan, ilkinji nobatda, oýnuň iki sany dürli adamyň aňynda birbada ýaýbaňlanýandygyndan ybaratdyr, üstesine, olaň her biri-de öz ýoluny saýlaýar. Şu akyl çaknyşygynda gara mallar häzir ak mallaň nähili ýörejegini bilmezden, onuň niýetini aňmaga hem-de şoňa päsgel bermäge çalyşýar, şonda ak mallaram, öz tarapyndan, gara mallaň gizlin maksatlaryna göz ýetirmek üçin elinden gelenini edýär, şoňa gaýtawul bermäge taýyn bolýar. Bardy-geldi şol bir adam birbada hem gara çöpi, hemem ak çöpi alanlygynda, onda bimany ýagdaý dörärdi, ýagny şeýle ýagdaýda şol bir beýni şol bir wagtda nämedir bir zatlary bilerdi, kä zatlaram bilmezdi; ak mallaň haýryna göçüm edeninde, ol, hamala buýruk esasynda, göçüm etmezden öňürti gara mallaň eýesi hökmünde nähili göçüm etmekçidigini unutmalydy. Şeýle ikä bölünme aňyňy diňe bir jaýyrman, ony gerek ýerinde işläp, gerek ýerinde-de togtap bilýän gurala döndermelidi; gepiň külesi öz-özüňe garşy oýnamak, muň özi, kölegäňden bökjek bolmak ýaly bir geňtaňlykdy. Şonda-da uzak aýlaň dowamynda bolmajak, bimany zatlary etmäge çytraşyp, arrygymy gynaýardym. Mende başga alaç galmandy, ýogsa, akylymy gutarnykly

ýitirmage hem-de ruhy täýdan doly lagşamaga töwekgellik edýärdim. Özümiň jygba-jygly ýagdaýymda, gaýtadan daşymy gabap ugran aýylganç boşlugyň holtumyna dolaşmazym ýaly, iň bolmanda, ak mallar bilen gara mallaň arasynda ikä bölünmäge synanyşyp görmäge mejbury dyrjaşmalydym.

Doktor B. şezlonga ýaplandy-da, bir dakykalyk gözlerini ýumdy. Ol beýnisini çogduryp barýan ýatlamalardan saplanmak isleýäne ogşaýardy. Agzynyň uçjagazy ýene, ygtyýarsyz, dartyldy. Soňra ol ýene-de dikeldi.

— Hawa, şeýle, häzirlikçe size barysy düşnüklimikä öýdýän. Ýöne, gynansam-da, soňraky wakalar edil şular ýaly aýdyň bolar diýen tamam ýok. Bar gep şunda: bu täze pişe beýnini durky bilen bir ugra jemlemeli boldy welin, ony beýleki işlere gözükdirmek bütinleý mümkin däldi. Meň pikirimçe, öz-özüň bilen küşt oýnamak — bu bir akyla sygmaýan närse, ýöne, herhal, nähilidir bir çäkli mümkinçilik şeýle oýun üçin mydar bordy, ýagny öňümde küşt tagtasy bolan ýagdaýynda, çünki küşt tagtasy mese-mälim göze görnüp duran zat, ol «garşydaşlaň» arasynda nähilidir bir maddy giňişlik duýgusyny oýarardy. Hakyky küşt mallary bilen hakyky küşt tagtasynyň başynda oýnaňda her bir göçümi oýlanmak üçin kesgitli wagty bellemek mümkin, ilki bir gapdalda oturyp, gara mallaň ýagdaýyny doly göz öňüne getirip bolýar, soňra — şol ýagdaýyň ak mallar üçin nähilidigini göz öňüne getirip bolýar. Eýsem-de, öz-özüme garşy ýa-da, eger isleseňiz, öz-özüm bilen oýny göz öňüme getirýän küşt tagtasynda alyp gitmeli bolanymdan soň, onda altmyş dört öýjükdäki ähli mallaň ýagdaýyny aňymda üznüksiz saklamaga mejburdym, üstesine, diňe bir şo dakykadaky ýagdaýy däl, eýsem, garşy taraplaň ikisiniň-de

her dürli göçlerini öňünden hasaplamalydym. Şulaň barynyň däliň gürrüňleri ýalydygyna gaty gowy düşünýän; özümiň iki sany «menim» üçin her bir ýagdaýy iki, üç, aý, ýok, has köp — alty sapar, onki sapar, üstesine, ýene dört ýa-da bäş göç öňünden hyýalyma getirmeli bolýardym.

Bu birgiden bimany bulam-bujarlyk bilen siziňem başyňyzy gora sokýanym üçin meni bagyşlaweriň. Bu howaýy döwleri hyýaly giňişlikde oýnamak bilen, men ak mallar üçin birnäçe göçümi, gara mallar üçinem şonça göçümi öňünden hasaplamaly bolýardym, ähli döreýän tilsimleri bir gara mallaň nukdaýnazaryndan, bir-de ak mallaň nukdaýnazaryndan ölçerip-dökmelidim, başgaça aýdaňda, özüňiň bir beýniňde hem gara mallaň aňyny, hemem ak mallaň aňyny utgaşdyrmaly bolýardym. Emma bu elhenç synagyň iň düýpli, esasy howp-hatary özümiň ikä bölünmegim däldi. Ýagdaý şundan ybaratdy: öz oýlap tapan döwlemmi özbaşdak oýnamalydym, şonda häli-şindi özüme bolan ynamy ýitirýärdim hem-de misli, haýsydyr bir uçuda güwläp gaýdýan ýalydym. Çempionlaň döwlerini oýnan mahalym barysy gülala-güllükdi: men bary-ýogy diňe oýnalan oýunlary gaýtalaýardym, ozalky bar zatlary ýaňadan göçýärdim. Muň özi, aýdaly, goşgulary ýa-da haýsydyr bir kanunyň maddalaryny ýat bekläniňden kyn düşenokdy. Ol yzygiderli, birsyhly, gyzyklydan düzgünleşdirilendi, şondan ötri, beýni üçin gözel bir maşkdy. Günorta naharyndan öň iki döw, soňundanam iki döw kesgitli bir ýumuş ýalydy, men ony bütinleý arkaýyn berjaý edýärdim; ol ozalky gündelik güýmenjelerimiň ornuny tutýan ýaly bir zatdy. Mundan daşgarynam, eger oýnuň gidýän mahaly ýalňyşsam ýa-da indiki göçümi unutsam, hemişe kitaba seredip bilýärdim. Hut şu sebäpden-de, iliň oýunlaryny derňemek hiç bir weçden

beýnimi çokalamaýardy, gaýtam ol bozulan aňymy ynjaldýardy, rahatlandyrýardy, köşeşdirýärdi. Meň üçin gara mallar utdumy ýa-da ak mallar – bütinleý parhy ýokdy, çünki birinjiligi almak üçin Alehin ýa-da Bogolýubow göreşýärdi, özüm, paýhasym, aňym bolsa, diňe başa-baş oýunlaň inçeliginiň mazasyny görýärdi. Ýöne öz-özümiň garşyma oýnap başlandyrynam welin, men, aň ýetirmezden, öz-özüm bilen bäsleşip ugradym. Ikä bölünen aňym — ak mallar hem-de gara mallar — biri-biri bilen ýaryşmalydy, olaň her haýsyda birbada utarmandy, ýeňermendi, sabyr-takatyny ýitirendi, şöhrata kowalaşandy. Özümiň gara mallamma derek göçüm edip, özümiň ak mallam nähili göçüm ederkä diýip elden-aýakdan çykyp garaşýardym, haçan mallarymyň biri nädürs göçende, iki tarapam gezekli-gezegine heşelle kakýardy, özleri şeýle säwlik goýberen mahallary bolsa kejigýärdiler.

Bu zatlaň bary bütinleý geň görünýär, elbetde, bu bir öz-özünden dörän ruhy keseldi, soňy juda hatarly netijä eltýän aňyň şeýle bile-görä ikä bölünmegini kadaly düzgünde ýaşap ýören adamda dörejegini göz öňüne getirer ýalam däl. Ýöne kadaly şertlerden zoňtarlyk bilen çekilip çykarylandygymy, ýersiz-ýere, hiç bir günäsiz gözenegiň aňyrsyna dykylanymy, köp aýlaň dowamynda öte inçe jeza — ýalňyzlyk jezasyna sezewar edilenimi unutmaň. Kekirdegime deňiç gelen gahar-gazap iru-giç ýarylmalydy, bir ýerlerden çykmalydy. Ýöne ýeke-täk güýmenjäm öz-özüm bilen bimany küşt dikmekdi, şeýle bolansoň, bar gahar-gazabym, ar almak hyjuwym köre-körlük bilen hut şu oýunda ýarylýardy. Ar alasym gelýärdi, emma ar almak üçin diňe özümiň ikinji bölegim bardy, şoň bilenem dyngysyz, üznüksiz göreş alyp barmalydym. Ine, şu sebäpdenem, oýun mahaly guduz açana dönýärdim. Ilkiräkler parahat, paýhasly oýnamagy başarýardym, kellä

dynç bermek üçin döwleň arasynda arakesme edýärdim. Ýöne ýuwaş-ýuwaşdan näsag beýnim şu böwşeňligi-de götermän başlady. Ak «men» göçüm edip-etmänkä, gara «men» eýýäm alňasaklyk bilen malyny süýşürýär, bir döw gutaryp-gutarmanka-da, men şo pille özümden ikinji döwi dikmegi talap edýän, has dogrusy, özümiň küşt «menimiň» biri utulan badyna, ol beýleki «menimden» haýdan-haý ýene bir döw küşt dikmegi gyssaýar.

Uzak aýlaň dowamynda tussagda bolan mahalym, şu doýmaz-dolmaz hyjuwdan humarlanyp, öz-özümiň garşyma näçeräk döw oýnanymy hatda çen bilenem aýdyp biljek däl — belki, müň döwdür, belki-de, şondanam agdykdyr. Ol bir şeýtan urdumydy, onuň garşysyna göreşip bilmeýärdim. Daň agarandan tä gijäň ýaryna çenli atdyr pyýadalar, ruhdur patyşalardan başga hiç zadyň pikirini etmeýärdim. Beýnimde «a», «b», «C», ýatdy hem-de rokirowka üznüksiz pyrlanýardy, bar durkum, bar pikir-zikirim altmyş dört öýjüge bölünen küşt tagtasyna dyzaýardy. Oýundan maza almak serden geçmä öwrülipdi, serden geçme-de guduzlama, was-waslyga, telbelige öwrüldi; bular diňe bir oýa mahalym däl, eýsem, soňabaka ukuda ýatan mahalymam günüme goýanokdy. Men diňe küşt hakynda, küştüň göçümleri hakda, küşt meseleleri hakda pikir edip bilýärdim. Aram-aram endam-janyma sowuk der inip, ukudan oýanýardym hem-de aňşyrmazdan, oýnuň düýşümde-de dowam edýändigini duýýardym. Bardy-geldi düýşde adamlary dagy göräýsemem, olar at ýa-da ruh ýaly hereket edýärdiler, küşt mallary mysaly hüjüm edýärdiler, yza tesýärdiler.

Soraga çekilenimde indi özümiň gep-sözüme hem-de hereketlemme jogap berýänimi-de unudypdym. Çaky garjaşyk, düşnüksiz jogap berýän bora çemelim: sülçüler öz

aralarynda birek-birege birhili geňirgenme bilen seredişýärdiler. Hakykatda bolsa, olar ma[a sowal berip, jogaplammyň üstünde oýlanýança, men basymrak tussaghanama äkidilerime takatymy ýitirip garaşýardym, şo taýda ýene-de bimany pişäm bilen meşgullanyp biljekdim. Oýnuň arasyndaky arakesmeler meni barha kejikdirýärdi. Hatda türme gözegçisiniň otagy ýygnaşdyrýan on bäş minudyna, maňa iýgi-içgi berýän iki minudyna hem çydaman, sabyr käsäm püre-pürlenip, içimi it ýyrtýardy. Käwagtlar ertirlik naharym agşama çenli el degrilmän galýardy, sebäbi oýna kellämi gyzdyryp, nahary iýmegem unudaýýardym. Bedenime ýetmeýän ýeke-täk zady duýýardym — olam aldajy teşnelik. Iki owurtlamda bir çüýşe suwy boşadýardym-da, türme gözegçisine ýalbaryp, ýene suw getirdýärdim, ýöne bir salymdan bokurdagym tüýdük ýaly guraýardy.

Oýun mahalynda men assa-ýuwaşdan şeýlebir göçgünli ýagdaýa baryp ýetýärdim welin — ol günler ir ertirden tä gijäň bir wagtyna çenli başga hiç zadyň pikirini edip bilemokdym — indi bir dakyka-da rahatlanyp, ynjalyp bilmeýärdim. Göçümi oýlanyp, otagda dyngysyz ýöreýärdim — eýläk-beýläk, beýläk-eýläk, gitdigiçe öňe-yza, yza-öňe çalt, hasam çalt gatnaýardym. Oýnuň ykbaly çözüliberdigiçe, öňküdenem beter burçdan-burça pelesaň kakýardym. Ýeňşe bolan teşnelik, öz-özümi ýeňmäge bolan teşnelik meni gazap atyna atlandyrýardy, çünki özümiň küşt «menlemmiň» biri hemişe beýlekisinden asgyn gelýärdi. «Menleň» biri beýlekini gyssaýardy — muň özüniň size tenteklik ýaly bolup görünjegini aňýan — öz göçümime ýeterlik derejede çalt jogap göçümini etmedik ýagdaýymda, öz-özüme «çaltrak göç, çaltrak göçsene!» ýa-da «bol-bol, oýna-da!» diýip

gaharly gygyrýardym. Elbetde, häzir özümiň şol wagtky ýagdaýymyň ruhy keselden başga zat däldigine doly düşünýän, oňa-da lukmançylyga heniz mälim bolmadyk «küşt zäherlenmesinden» başga idili adalga tapyp bilemok.

Ýalňyzlykdan dörän bu kesel, şeýtan urdumy indi diňe bir beýnimi däl, eýsem, tutuş süňňümi berbat etmäge başlady. Horlanyp, çöpe döndüm, ukymyň mazasy gaçdy; irden oýanamda agralan gabaklammy zordan galdyrýardym. Özümi saňsar ýaly duýýardym, ellem şeýlebir saňňyldaýardy welin, agzyma bulgury ýetirip bilemokdym. Emma oýun başlandygy meni guduz açanyňky ýaly gujur gurşap alýardy. Ýumruklammy düwüp, otagyň içinde at salýardym, aram-aramam gyzylymtyl dumanyň arasyndan öz sesim gulagyma ýetýär — gaharly, boguk ses bilen «küşt» ýa-da «ýatdy» diýip haýkyrýan.

Bu aýylganç, söz bilen düşündirip bolmaýan ýagdaýyň nähili bela-beter bilen geçip gidenini bilemok. Diňe bir gün irden turanymda, ukudan oýanyşymyň bütinleý başgaçadygyny bilýän. Indi endam-janym gysyp-gowrup baranokdy. Özümi ýeňil hem-de rahat duýýardym. Indi köp aý bäri duýmaýan ynjalykly ýadawlyk gabaklamda bildirip durdy, özümi şeýlebir parahat duýdum welin, asyl gözümi açasym gelmedi. Birnäçe wagtlap sarsman ýatdym-da, gymyldy-hereketsizligiň mazasyny görüp, meýmiremekden lezzet aldym.

Birdenem gapdalymda adam sesleri ýaňlanan ýaly boldy, ýuwaşjadan, seresaplyk bilen gürlenilişi eşidildi. Siz kalbymyň nähili heýjana gelenini göz öňüne-de getirip bilmersiňiz! Özüme jebir beryänleň gödek, agyr, ýakymsyz, gaharly sözlerinden başga zat eşitmänime indi gaty köp aý, belki-de, bir ýylam geçipdi ahyry.

Öz ýanymdan: «Sen ýatyrsyň» — diýip pikir öwürdim. — «Sen ýatyrsyň. Gözüňi açyjy bolaýmagyn, goý, bu düýş, mümkingadar, uzak dowam etsin, ýogsa, sen ýene şol kürsüli, el-ýüz ýuwulýanly, stolly, ýüzüne nagyş çekilen diwar kagyzly şol bir näletsiňmiş tussaghanaňy görersiň. Sen ýatyrsyň, oýanma-da ýatyber».

Ýöne bilesigelijilik üstün çykdy. Haýaljakdan, seresaplylyk bilen gabagymy galdyrdym. Bu ne gudrat! Men başga otagdadym, ol myhmanhanadaky tussaghanamdan has giňdi; penjirede gözenekler ýokdy, ýagtylyk bolluk bilen eçilýärdi, penjiräň aňyrsynda kerpiç diwara derek daragtlar, göm-gök öwsüp duran daragtlar görünýärdi, şemal olaň şahalaryny yralaýardy, otagyň diwarlary akdy, ýalpyldap durdy, potologam akdy, beýikdi. Men täze, ozal görmedik düşegimde ýatyrdym, aý, ýok, özem bu düýş däl eken — gapdaljygymda bir pyşyrdy eşidilýär.

Haýran galmakdan ýaňa, özüm bilmezden, silkinip gidipdirin, şobada kimdir biriniň krowatyma tarap ýöräp gaýdanyny eşitdim. Başy ak saçlykly zenan — şepagat uýasy ýeňiljek gopup, ýanyma geldi. Begenjimden ýaňa özümi dürsäp bilemokdym. Zenan ýüzüne nazarym düşmänine tutuş bir ýyl bolupdy. Bu geň-enaýy ahwalata gözümi aýyrman seredýärdim, megerem, garaýşymda üýtgeşik tolgunma duýlandyr-da, zenan: «Biynjalyk bolmaň, rahatja ýatyň» diýip köşeşdirdi.

Men diňe aýal sesini eşidýärdim: ynsan bendesiniň meň bilen gürleşýäni çynmyka? Eýsem-de bolsa, dünýäde meni soraga çekmek islemeýän, ejir çekdirmek islemeýän başga adamlaram barmyka? Onsoňam — akyla sygar ýaly däl! — bu aýal sesi, ýumşak, näzik, hatda mylaýym, mähirli ses. Men nazarymy sowman onuň dodaklaryna höwes bilen

seredýärdim — bir ýyllyk dowzahdan soň, bir adamyň başga biri bilen mylakatly gürleşmegi meň üçin bolup bilmejek zat ýalydy. Zenan maňa seredip ýylgyrdam, hawa, hatda ýylgyrdam! Diýmek, entek dünýäde güler ýüz bilen ýylgyryp bilýän adamlaram bar eken-dä. Soňra ol barmagyny dodagyna degrip, ses-selemsiz yza çekildi. Ýöne oňa boýun bolup biljek däldim. Henizem gudraty synlamakdan ganyp bilmändim. Dik oturasym, Biribaryň ýaradan bu aýperisini gözlem bilen ugradasym geldi. Ýöne krowatyň arkasyna ýaplanjak boldum welin, başartmady. Sag elime derek nähilidir bir başga zady — uly, agyr ak zady gördüm. Çaky tutuş elim ak hasa bilen saralypdyr. Şol ak zada geňirgenme bilen seredip durşuma, özüme zor salyp, oýlanmaga başladym: men nirä düşüp ýörün, maňa nä döw çaldy? Bir sebäp bilen meni şolar ýaraladylarmyka ýa-da elime öz-özüm şikes ýetirdimmikäm? Özümiň hassahanada ýatandygyma düşündim.

Günortan ýanyma lukman geldi, ýaşy durugşan mylakatly adam eken. Biziň maşgalamyzy tanaýan bolup çykdy, megerem, özüme garaýşynyň gowudygyny duýdurmak isländir, ol köşk tebibi bolan agamy hormat bilen ýatlady. Maňa birnäçe sowal berdi, şolaň biri meni hasam geň galdyrdy: ol meniň kimdigimi sorady — matematikmi ýa-da himik?

«Olam däl, bulam» — diýip, jogap berdim.

«Geň göräýmeli — diýip, ol hüňürdedi. — Samran mahalyňyz siz nähilidir bir nämälim kesgitlemeleri gygyrdyňyz — «C3», «C4». Biz hiç zada düşünmedik.

Men ondan özüme näme bolanyny soradym. Ol syrly gülümsiredi.

«Aldajy bir zat ýok. Beýniňiz erbet çaýkanypdyr. — Daş-töweregine ýaltaklabam, ýuwaşjadan sözüniň üstüni ýetirdi. — Bu bir bolup biläýjek ýagdaý. Siz... on üçünji martdan bäri bärde ahyry?..».

Men baş atdym.

«Olaň beýle çemeleşmesi bilen geň görüp oturasy iş ýok. Bärik düşýän ýeke siz däl. Ýöne ynjalykdan gaçmaň».

Onuň hoşniýetli äheňi hem-de duýgudaşlyk bilen ýylgyrmagy özüme hiç hili howp-hataryň abanmaýanyna ynandyrdy.

Iki gün ötenden soň näme bolanyny lukmanyň özi elin aýdyp berdi. Türme gözegçisi tussaghanamda gykylyk sesini eşidipdir-de, ýanyma giren kimdir biri bilen jedelleşýändirin öýdüpdir; ýöne ol ýaňybir bosagada görnen badyna onuň üstüne ýumruklammy düwüp topulypdyryn-da: «Nejisiň biri, warryk diýsänim, göçüm et!» diýip haýkyrypdyryn. Soňam onuň bokurdagyndan tutup, gazap bilen bogup başlapdyryn welin, ol gygyryp, kömege çagyrmaly bolupdyr. Men köşeşmändirin, gaýtam beter guduzlapdyryn, lukmana görkezmäge alyp barýarkalar, dälizde olaň elinden sypypdyryn hem-de penjireden özümi oklamaga çytraşypdyryn, aýnany döwüp, elimi erbet kesipdirin — bärde, ynha, şondan çuň ýara yzam galypdyr. Hassahana düşen mahalym, ilki günler birhili beýnimi sowuk alan ýaly bolup görünýärdi, ýöne indi, lukmanlaň pikiriçe, meň akylym durlanypdyr, özümi bilip başladym. «Hiç bir bassyr-ýussursyz aýdaýyn — diýip, ol pessaý gürledi. — Muny ýolbaşçylaň dykgatyna ýetiremok, şeýtdigim olar gelip, sizi yzyna alyp gitmegi ahmal. Maňa bil baglap bilersiňiz, elimden geljek bar zady ederin».

Aňtaýjylamma, ýanaýjylamma göwnaçyk lukmanyň näme diýip-goýanyny entegem bilemok. Nähili bolanlygynda-da, ol gepini gögertdi: meni boşatdylar. Belki-de, ol meň öz hereketlemme jogap bermäge ýagdaýym ýok diýip habar berendir. Onuň başga bir sebäbi-de bolup biler: gestapo maňa gyzyklanmasyny goýandyr, çünki şo wagta çenli Gitler eýýäm tutuş Bogemiýany eýeläpdi, şonuň bilen birlikde Awstriýa-da biryanýüzli edilipdi. Maňa diňe iki hepdäň dowamynda ýurdy terk etmeli diýen borçnama gol çekäýmek galypdy. Şu wagtyň barysy hat-petekleri düzetmäge gitdi, özüňiz bilýäňiz, biziň döwrümizde daşary ýurda aşjak bolsaň, ýagdaýlar çylşyrymlaşdy: harby häkimiýetleň hem-de polisiýaň rugsadyny almalydy, salgytlary tölemelidi, saglyk hakdaky şahadatnamany, pasporty, wizany hem-de gaýrylary düzetmelidi, şondan ötri başymdan geçen zatlar barada pikir etmäge wagtymam ýokdy. Megerem, haýsydyr bir syrly güýçler adamzadyň beýnisiniň işleýşini kadalaşdyrýan hem-de onuň aňy üçin hatarly ýatlamalary öz-özünden öçürýän bolmaly. Nähili bolanlygynda-da, tussaghanada bolanymy ýadyma salan badyma, aňymda pikir garjaşmasy döreýär, diňe niçeme hepde geçenden soň, dogrusyny aýtsam, diňe häzir, gämiň üstünde, başdan geçirenlemme akyl ýetirmäge gaýratym çatdy.

Dostlaryňyz küşt oýnan mahaly özümi geň-taň, üýtgeşik alyp barmagym indi size düşnükli bolaýan bolsa gerek. Men ol çilim çekilýän otagyň deňinden tötänlikde geçip barýardym welin, birden küşt stolunyň başynda ýoldaşlaryňyzy göräýdim. Haýran galmakdan hem-de gorkudan ýaňa doňňara daşa dönäýipdirin. Sebäbi men hakyky küşt tagtasynyň başynda hakyky küşt mallary bilen

küşt oýnap bolýanyny düýbünden unudypdym, iki sany bütinleý aýrybaşga adamyň birek-biregiň garşysyna küşt dikip bilýänini unudypdym. Çynymy aýtsam, erkinlige çykmaga güýjüm ýetmeýän mahaly şunça wagtlap oýnan oýnumy bu adamlaňňam oýnaýandygyna aň salýançam ýoňsuzja wagt gerek boldy. Diýmek, şertli belgiler arkaly ýatdan oýnan oýnum, ynha, şu saldamly küşt mallarynyň emeli, ýasama görnüşinden başga zat däl eken-dä. Küşt tagtasyndaky çöpleri hem-de mallaň göçüşini görüp, onuň aňymda orun alan, göz öňüme getirip göçen oýnuma doly laýyk gelýänini görüp, haýran galdym. Megerem, älemşynasam çylşyrymly matematiki hasap-hesip çykarmalar arkaly täze saýýaraň bardygyny nazaryýet jähetinden subut edip, soňam birden asmanda ony gözi bilen, aýdyň, hakykat ýüzünde görende şeýle ýagdaýa düşýändir. Men küşt tagtasyna jadylanan dek seretdim, şo taýda öz diagrammamy gördüm — at, ruh, patyşa, perzi, pyýada mallar — barysy hakyky, agaçdan ýasalan çöpler; ýagdaýa göz ýetirmek üçin men, biygtyýar, ilki özümiň hyýaly matematiki küşt meýdançamdan küşt mallarynyň hakyky hereket edýän tagtasyna nazarymy dikmeli boldum.

Ýuwaş-ýuwaş bilesigelijiligim zol böwrüme dürtdi durdy, iki garşydaşyň hakyky oýnuny göresim geldi. Ine, hut şulam siziň oýnuňyza juda zoňtar, ýerliksiz goşulmagyma sebäp boldy. Dostuňyzyň nädürs göçümi meň üçin ýüregime hanjar urlan dek boldy. Men ony germeçden geçjek bolýan çagany saklaýyşlary ýaly, özümden ygtyýarsyz sakladym. Diňe soňra özümiň gödeklik bilen oýna sokulmagymyň gelşiksizdigine düşünip galdym.

Hakykatda bu bolup geçen waka barymyz begenipdik, şony doktor B-e aýdyp, ony ynandyrmaga howlukdym,

üstesine, eger şu ýagdaý ýüz bermänliginde, onda biz onuň bilen tanşybam bilmezdik. Men şu eşidilen gürrüňlerden soňha ertirki howul-hara gurnalan ýaryşa gatnaşmak hasam gyzykly bor diýibem, sözümiň üstüne goşdum.

Doktor B. ynjalyksyzlyk bilen ýerinden gozgandy.

— Dogrusy, menden çendenaşa uly zada garaşmaň. Bu meň üçin ýöne bir synag, başararmykam beri... küştüň başynda oturyp, özüm ýaly adamyň garşysyna hakyky çöpleri göçüp, idili küşt beri oýnap bilermikäm? Çünki şol ýüzlerçe ýa-da müňlerçe döwi küştüň düzgünlerine laýyk oýnadymmykam-oýnamadymmykam diýip gitdigiçe şübhelenip başlaýan. Belki-de, olar bulaşyk hyýalymyň ýönekeý bir netijeleridir? Adam ukudaka üznüksiz öňe towsup-towsup gidýär, meňkem şoň ýaly ukudaky samrama bolaýmasyn, küşt keseli bolaýmasyn? Küşt täjiniň eýesi bilen deň derejede güýç synanyşyp bilerin öýdüp, siz çynlakaý pikir edýän dälsiňiz-dä hernä. Meni şol oýna iteleýän diňe bilesigelijilik. Indi şunça wagt geçensoň, tussaghanada mahalym maňa, hakykatdanam, näme bolanyny anyklasym gelýär: akyly üýtgemek derejesine golaý barypdyrynmy ýa-da eýýäm şol hatarly çäkden geçipdirinmi. Bar bolany şu, başga artyk-süýşük zat ýok.

Edil şu wagtam ýolagçylary günortanlyk şamyna çagyrýan zaň kakyldy. Biziň gürrüňçiligimiz tas iki sagada çekipdi: doktor B. öz başyndan geçen wakanyň taryhyny meň beýan edişimdenem has jikme-jik gürrüň berdi. Oňa halys ýürekden minnetdarlyk bildirip hoşlaşdym, ýöne heniz paluba çykyp ýetişmänkäm, ol yzymdan ýetdi. Aşa tolgunandygy mese-mälimdi, gürlände-de biraz peltekledi:

— Ýene bir zat. Dostlaňňyz maňa hormat-sylagsyz adam ekendir öýdäýmesinler, haýyş edýän, olara öňünden

duýduraweriň, men diňe ýekeje döw oýnajakdyryn. Meň üçin esasy zat — şu meseläni bir gezekde gutarnykly çöp döwlen ýaly çözmek, ýagny doly netije çykarmak. Baryny täzeden başlamak meýlim ýok. Küşt keseline ikilenç ýolugasym gelenok, şo ýadyma düşdügi häzirem saňňyldaberýän. Ondan başga-da... Ondan başga-da lukmanam berkden-berk tabşyrypdy. Beýnisi çaýkanan adam üçin onuň gaýtalanmak howpy hemişe saklanýar, şondan ötri, «küşt keselinden» ejir çekene — hatda meni dertden doly saplanan hasaplasalar-da — küşt tagtasyndan çeträkde durmagym gerek. Sizem indi ýagdaýa dogry düşünensiňiz: synag üçin diňe ýekeje oýun, şondan artyk bir oýnam oýnamok.

Şol günüň ertesi laýyk bellenilen wagtda, sagat üçde, biz ýene küşt oýnan şol bir çilim çekilýän otagymyza ýygnandyk. Biziň sapymyza bu ajaýyp oýnuň muşdaklarynyň ýene ikisi goşuldy, olar gäminiň iki sany serkerdesidi. Oýny synlamak üçinem kapitandan ýörite haýyş edip, nobatçylyk gulluklarynyň wagtyny süýşürdipdirler. Bu gezek Çentowiç özüne garaşdyryp durmady, bije atylan soň üýtgeşik oýun başlandy: «Homo obscurissimus» meşhur küşt täjiniň eýesiniň garşysyna.

Biz ýaly küştden onçakly baş çykarmaýan adamlaryň gaty az sanlysynyň bu döwüň şaýady bolany öte gynançly ýagdaý, Bethoweniň fortepianoda ýüzüniň ugruna döreden sazlarynyň taryh üçin ýitip galyşy ýaly, bu oýnam küşt sungatynyň sahypalaryndan gutarnykly öçdi. Dogry, ertesi güni biz jemlenip, bu oýny ýatdan göz öňüne getirmäge çytraşdyk, ýöne azabymyz puç çykdy. Onuňam sebäbini şundan gördük, kellämiziň göçgünine, bar üntüşigimizi oýnuň özüne däl-de, eýsem, oýunçylara gönükdiripdiris,

oýun ýaýbaňlandygyça-da olaryň ussatlyk derejesiniň tapawudy gitdigiçe mese-mälim duýduryardy.

Tejribeli Çentowiç, misli, daşdan ýasalan heýkel kimin, sarsman otyrdy. Onuň nazary küşt tagtasyna gönügipdi, aň dartgynlylygy oňa dagdan daş goparýanyňky ýaly ezýet berýäne ogşaýardy. Tersine, doktor B. özüni erkin hem-de parahat alyp barýardy. Sözüň doly manysynda öwrenje hökmünde, höwesjeň hökmünde onuň üçin küştüň bar gyzygy hem mazasy oýnuň özündedi, şonuň üçinem ol daşyndan dynç alýana meňzeýärdi. Oýnuň başynda ol biz bilen arkaýyn gürleşýärdi, özüniň göçümlerini keýpihonluk bilen düşündirýärdi, göçüm gezegi gelende-de küşt tagtasyna çalasyn nazar aýlaýardy-da, çöpleri göçýärdi. Ol garşydaşynyň nähili göçüm etjegini her sapar öňünden bilýän ýalydy.

Oýnuň başy çalt ýöredi. Altynjymy ýa-da ýedinji göçümden soň belli bir ugur görnüp başlady. Çentowiç göçümlerini köpräk oýlanyp ugrady, ynha, şundanam biz oýny öz eliňe almak üçin hakyky göreş başlandy diýen netijä geldik.

Ýöne, açygyny aýdanyňda, döwüň ýuwaş-ýuwaş ýaýbaňlanyşy, çynlakaý ýaryşlarda aram-aram gabat gelşi ýaly, biziň, höwesjeň küştçüleriň, dogrusy, hatda lapynam keç etdi. Oýnuň gidişi çylşyrymlaşdygysaýy, biz üçin garşydaşlaryň tarapy şonça-da düşnüksiz bolup başlady. Kimiň artykmaçlyk gazananyny seljermäge güýjümiz ýetenokdy. Biz diňe käbir küşt mallarynyň garşydaşyň hatarlaryny böwüsmäge çalşyp, gözsüz batyrlyk bilen öňe zomaýanyny görýärdik, ýöne ussat oýunçylaryň her bir göçümi emel-pirimiň diňe bir bölegini, her bir emel-pirimiňem maksat-hyýalyň diňe bir bölegini düzensoň, olam

öz gezeginde diňe birnäçe göçümden soň amala aşansoň, onda olaryň daşdan aýlaýan oý-hyýallaryna görä, mallaryny bir öňe, bir-de yza göçüp durmaklary biz üçin bütinleý düşnüksizdi.

Soňra ýadawlyk halys barymyzy bürüp taşlady, munuň esasy sebäbi-de Çentowiçiň her bir göçümini çakdanaşa uzak pikirlenýäni üçindi. Oýnuň uzaga çekdigisaýy, doktor B-niň şonça-da ynjalykdan gaçýanyny duýup, howsala düşdüm: ol kürsüde zol-zol gozganjyraýardy, tolgunma bilen çilim yzyna çilim otlanýardy, aram-aram galamyna ýapyşyp, nämedir bir zatlar belleşdirýärdi, mineral suw getirmeklerini buýurýardy, göni gatan dek, bulgur yzyna bulgur boşadýardy. Onuň beýnisi Çentowiçiň beýnisinden her dürli tilsimleri ýüz esse çalt düzýändigi göz-görteledi. Çentowiç her gezek uzaga çeken oýlanmasyndan soň oňaýsyzlyk bilen çöpi alyp, ony göçmäge hyýallanan mahaly, biziň dostumyz ýylgyryp, nämedir bir zada köpden bäri garaşyp ýören ýaly, ýylgyryp, derhal göçüm edýärdi. Megerem, ol özüniň kesgir, ýiti aňy bilen garşydaşyna açylan ähli mümkinçiligi öňünden ölçerip-dökmäge ýetişýärdi. Çentowiç her göçümini köp oýlandygyça, doktor B-de şonça-da sabyr-takadyny ýitirýärdi, gaharly, içinde kitüw saklaýan ýaly, torsarylýardy. Emma Çentowiç howlugarly däldi. Ol göçümlerini oýlanyp, erjellik bilen dommarylyp otyrdy, küşt tagtasynda mallaryň sany azaldygysaýy-da, böwşeňlik uzaýardy. Dogry iki sagatdan soň, kyrk ikinji göçüme çenli, biziň barymyz halys surnugypdyk, oýna-da biperwaý boluberipdik, näme-nämeleň bolýany bilenem işimiz ýokdy. Serkerdeleriň biri eýýäm gidipdi, beýlekisi kitap okaýardy hem-de diňe oýunçylaryň haýsydyr biri göçüm edeninde, küşt tagtasyna nazar aýlaýardy. Ýöne Çentowiçiň nobatdaky göçüminden

soň birden garaşylmadyk ýagdaý ýüz berdi. Ol göçüm etmek üçin aty ellän badyna, doktor B. awynyň üstüne topuljak pişik deýin ykjamlandy. Ol süňňi bilen sandyraýardy, Çentowiç göçjek malyny ýerinde goýup-goýmanka, doktor B. perzisini öňe sürdi-de, dabaraly sesi bilen gygyryp goýberdi:

— Ine, indi boljagy boldy.

Soňra ol kürsä ýaplandy, ellerini döşüne gowşurdy-da, Çentowiçe dikarynlap seretdi. Onuň gözleri ýitelip gitdi.

Onuň dabaraly sözleriniň änigine-şänigine ýetmäge çalşyp, barymyz, biygtyýar, küşt tagtasyna egildik, emma patyşanyň gös-göni ýatuw ýagdaýyny görmedik. Dostumyzyň heşelle kakyp gygyrmasy, megerem, oýnuň ýaýbaňlanyşyna dahylly bora çemeli, ýüzleý oýunçylar bolan bizem oňa düşünen däldiris. Diňe Çentowiçiň müň tüýünden bir tüýi-de gymyldamady. «Indi boljagy boldy» diýlip göwün syndyryjy sözleri, hamala, eşitmedik ýaly, ol bütinleý parahat görünýärdi. Hiç zat bolmandy. Ýöne barymyz, demimizi alman diýen ýaly, ses-selemsiz oturdyk, bada-badam küşt üçin işläp duran sagadyň jykgyldysy eşidildi. Üç minut, ýedi... sekiz minut geçdi — Çentowiç gozganman otyrdy, diňe burnunyň giň ýelpezeginiň nähili ýellenişinden onuň gursagynda üýtgeşik harasadyň gopýandygyny aňşyrmak mümkindi.

Dostumyzam, edil biz ýaly, dym-dyrs, ýüregedüşdi böwşeňligi gaty kynlyk bilen çekýäne meňzeýärdi. Ol duýdansyz ör turdy, kürsini itiberip goýberdi-de burçdan-burça ýöräp başlady, ilki haýaljakdan, soňra bolsa ädimini durdugyça gataltdy. Bärik ýygnananlaryň ählisi oňa geň galyşyp äňedýärdi, ýöne onuň özüni alyp barşyna menden beter ynjalykdan gaçýan ýokdy: süňňüni howsala gaplandygyna garamazdan, ol bütinleý çäkli giňişlik boýunça

ýöreýärdi, göýä, öz aňynda her gezek göze görünmeýän diwary süsäýjek mysaly, hyrra yzyna öwrülýärdi. Onuň, özi aňşyrmazdan, ozalky tussaghanasynda ýöreýän mysaly hereket edýänine düşünenimde, inim tikenekläp gitdi. Zyndana gabalan mahaly-da, megerem, kapasa salnan ýolbars deýin, edil häzirkisi ýaly, bükülip, düwülgi ýumruklaryny saňňyldadyp, öňe-yza ýörändir. Şo taýda ol hut şunuň ýaly doňup galan nazary bilen müňlerçe sapar o burçdan-bu burça ýelkildändir, galagoplulyk bilen ýanyp duran gözlerinde-de telbeligiň gyzyl uçganajyklary ýylpyldandyr.

Ýöne, göräýmäge, onuň akyly heniz doly ýerindedi, çünki Çentowiçiň nähilidir bir göçüm etmegiň kararyna geleninigelmänini bilmek üçin aram-aram sabryny suwa gaçyryp, stola garşy öwrülýärdi. Wagt gidip barýardy — dokuz minut, on... Soňra hiç birimiziň garaşmaýan wakamyz ýüze çykdy. Çentowiç ýoňsuz wagtlap stoluň üstünde duran agralyp giden goluny haýallyk bilen göterdi. Damarlarymyz dartylan kirşe dönen ýagdaýda, howsala bilen, netijäniň nähili çözülerine garaşýardyk. Emma Çentowiç göçüm etmedi. Alňasaman, ýöne aýgytly görnüşde eliniň arka tarapy bilen küşt tagtasyndaky ähli çöpleri syryp taşlady. Biziň barymyz Çentowiçiň utulanyny boýun alýanyna bada-bat düşündik. Ol ýeňlipdi, özüniň doly utulanyna biziň şaýat bolanymyzy islänokdy. Garaşylmadyk ahwalat ýüz berdi: küşt täjiniň eýesi, san-sajaksyz ýaryşlaryň ýeňijisi ýigrimi ýa-da ýigrimi bäş ýyllap küştüň garasyny görmedik adamynyň öňünde ak baýdagyny galdyrdy. Hiç kime mälim bolmadyk, ady-sory eşidilmedik dostumyz başa-baş darkaşda dünýäniň iň güýçli oýunçysyndan rüstem geldi.

Näme edýänimizi özümiz duýmazdan, barymyz tolgunmadan ýaňa ýerimizden bökäýdik. Biziň süňňümizi gurşap alan garaşylmadyk begenç duýgularymyzy nähilidir bir tär bilen daşymyza çykarasymyz gelýärdi, nämedir bir zatlary aýdasymyz ýa-da edesimiz gelýärdi. Diňe ýekeje adam sarsman, parahat durdy — olam Çentowiçdi. Ol biraz garaşyp, başyny göterdi-de biziň dostumyza sowuk nazaryny gönükdirip sorady:

— Ýene bir döw dikýäsmi?

— Dagy näme! — diýip, doktor B. birhili gelşiksiz hereket bilen haýkyrdy. Soňra ýerine geçip oturdy, oňa özüniň şerti — diňe ýeke döw oýnamak baradaky şertini ýatlatmaga ýetişmänkäm, ol eýýäm kellesi göçüp, alňasaklyk bilen çöpleri dikişdirmäge başlady. Özem şeýlebir gozgalaňa düşýärdi welin, çöpleri ýerli-ýerinde goýýan mahaly pyýada iki sapar onuň sandyraklap duran barmaklarynyň arasyndan sypyp, ýere gaçdy. Ozalky parahat hem-de asuda adamyň birden kellesi göçüp gidipdi, agzynyň gyrajygy-da çalt-çaltdan dartylýardy, üşüdýän ýaly, tutuş süňňi bilen saňňyldaýardy.

— Gerek däl — diýip, men oňa pyşyrdadym. — Gerek däl! Şu günlükçe ýeterlik. Beýtseňiz, beýniňize aşa agram düşer.

— Agram düşer? Ha-ha-ha! — Ol äsgermezlik bilen seňrigini ýygryp, gaty-gaty güldi. — Ýap-ýaňy dähedem-dessemläp oýnap, wagt baryny ýitirdik, şu döwrüň içinde men arkaýyn on ýedi döw oýnap ýetişerdim. Ýeke-täk kynçylyk çekýän zadym — şuň ýaly haýal depginde oýnaýan mahalymyz uklap galmazlyk. Niçik, siziň bu gün göçüm etmek hyýalyňyz barmy?

Soňky kesgin, tas gödeksi äheňde aýdylan sözler Çentowiçiň çetine degerli göründi. Ol garşydaşyna arkaýyn, ýüz-gözüni çytman äňetdi, onuň tutuksy, sowuk nazary ýumruk bilen urandan enaýy däldi. Oýunçylaryň arasyna bada-bat şeýtan düşene döndi, nähilidir bir hatarly dartgynlylyk, ýakymsyz ýigrenç döredi. Indi olar garşydaşynyň sungatyny synagdan geçirjek oýunçylar däldi-de, birek-biregi ýoklamaga ant içen ganym duşmanlar ýalydy. Çentowiç birinji göçümi wagty bilen göçmän, kän eglendi, onuň bilkastlaýyn, ýöriteläp şeýdýändigine-de şek-şübhäm galmady.

Söweşlerde synag geçen bu serkerde özüniň hallyň-sallyňlygynyň garşydaşynyň jykyrjygyny tutdurýandygyna, gürrüňsiz, birmahal düşünipdi. Adaty birinji göç üçin — patyşanyň öňündäki pyýadany sürmek üçin oňa azyndan dört minut gerek boldy. Biziň dostumyzam öz tarapyndan patyşanyň öňündäki pyýadany eglenmän öňe sürdi, Çentowiç jogap göçümini bu saparam çydap bolmaz derejede haýallatdy. Güýçli ýyldyrym çakanda yz ýanyndan boljak gök gürlemesine ýüregiňi çat açara getirip garaşýansyň welin, gögem şol gürleýän däldir, gürleýän däldir — häzirki pursadam edil şoňa ogşaýardy. Çentowiç bütinleý doňňara daşa öwrülen ýalydy. Ol her bir göçümi arkaýyn, alňasaman oýlanýardy, indi-hä onuň muny bilgeşleýinden şeýdýänine doly ynanyp ugradym. Onuň howlukman göçmegi maňa gözümi aýyrmazdan, doktor B-ni synlamaga maý berýärdi. Ol eýýäm üçünji bulgurly suwuny taňkyradypdy, şonda onuň tussaghanada mahaly teşnelikden ýaman kösenişi barada gürrüň bereni ýadyma düşdi. Kadasyz ýagdaýyň ähli alamatlary göz-görteledi: onuň maňlaýy mazaly çygjardy, elindäki ýara yzy gyzardy hem-de

hasam aýyl-saýyl seljertdi. Ýöne, herhal, özüne erk edip bilýärdi. Diňe dördünji göçden soň, Çentowiç ýene-de tükeniksiz oýa çümenden soň, doktor B. elden-aýakdan çykdy hemem ganyny gaçyryp gygyrdy:

— Siziň göçme niýetiňiz ýokmy?

— Ýalňyşmaýan bolsam, biz her göçümi on minutdan artyk pikirlenmeli däl diýip şertleşipdik. Men şu şerti ýöriteläp saklajak.

Doktor B. dodagyny dişledi. Ýuwaş-ýuwaş hasam sabyrtakadyny ýitirip, aýagy bilen ýeri tyrkyldadyp ugransoň, menem indi özümi gurşap alan howsaladan saplanyp bilmedim: ol ýene telbeligiň girdabyna dolaşar diýen duýgy ýaramy duzly çöp bilen dörjelän ýaly edýärdi. Sekizinji göçümde ýene-de sene-mene döredi. Sowukganlylygyndan nam-nyşan galmadyk doktor B. öňküdenem beter gozgalaň tapdy. Ol bir dakyka-da ynjalykly oturyp bilenokdy, häzirem, özi duýmazdan, barmaklary bilen stoly tyrkyldadýardy. Çentowiç ýene-de özüniň agras ýüzüni göterdi.

— Stoly tarkyldatmasaňyz-a gowy bordy. Bu maňa päsgel berýär. Men beýdip oýnap bilemok.

— Ha... — diýip, doktor B. jogabyny sugşurdy. — Oýnap bilmeýäniňiz görnübem dur!

Çentowiç gyzaryp gitdi.

— Siz näme diýjek bolýaňyz? — diýip, ol gödeksi sorady.

Doktor B. ýene-de çalaja ýaňsyly güldi:

— Siz juda tolgunýan bolmaga çemeli, şondan başga aýtjak zadym ýok.

Çentowiç ýagşydan-ýamandan dil ýarmady hem-de ýene küşt tagtasynyň başyna egildi. Diňe ýedi minutdan soň ol jogap göçümini etdi. Oýun şol bir haýal depginde barýardy. Çentowiç misli daş heýkele öwrülen ýalydy. Indi ol malyny

sürmezden ozal kesgitlenen wagty doly saklaýardy, dostumyzyň geň-taň hereketleri göçümsaýy öňküsindenem beterleşip barýardy. Ol oýna bolan gyzygyny bütinleý ýitirip, nähilidir bir başga pişe bilen güýmenýäne meňzeýärdi. Indi aladaly eýläk-beýläk ýöremesinem goýdy, parhsyz, tas däliniňkä çalymdaş nazaryny boşluga gönükdirip, öz-özüne nämelerdir bir zatlary hüňürdäp sarsman otyrdy. Ýa-ha ol haýsydyr bir tükeniksiz tilsimli göçümleriň pikirine çümüpdi, ýa-da — hut şoňa-da şübhäm bardy — nähilidir bir başga-başga döwleri oýnaýardy. Näme bolanlygynda-da, Çentowiç her sapar göçüm eden mahaly ony aýňaldyrmaly bolýardy. Şonda oňa ýagdaýlardan baş alyp çykmak üçin indi bir ýa-da iki minut gerek bolýardy.

Doktor B-de çalarak kakyn-silkin başlapdyr diýen pikir gitdigiçe berkeýärdi, şonuňam islendik pursat beterleşmegi mümkindi. Ol, göýä, bizi-de, Çentowiçi-de unudan ýalydy. Hakykatdanam, on dokuzynjy göçümde jygba-jygly ýagdaý döredi. Çentowiç ýaňybir göçüm eden badyna, doktor B. küşt tagtasyna çalarak göz aýlap, birden özüniň pilini üç öýjük öňe süýşürip, barymyzyň ýüregimizi ýaryp, bokurdagyna sygdygyndan gygyrdy:

— Küşt, küştden aýryl!

Nähilidir bir garaşylmadyk bir zada garaşyp, barymyz küşt tagtasyna garagymyzy dikdik. Çentowiç gaty haýallyk bilen kellesini göterip, birlaý bizi gözden geçirdi. Mundan ozal ol ýeke saparam şeýtmändi. Nämedir bir zat onuň gaty göhüni getiripdir, dodaklary kem-kemden süýndi welin, ýüzünde ýaňsyly ýylgyryş görnäýdi. Ol ýeňşinden lezzet alýana meňzeýärdi, biz üçin welin beýle ýagdaý düşnüksizdi, Çentowiç ýasama sypaýyçylyk bilen töweregindäkilere ýüzlendi:

— Bagyşlaň, ýöne men-ä hiç hili «küşt» göremok. Jenaplar, belki-de, araňyzdan biriňiz meň patyşama küşt berilýäniniň nämeden ybaratdygyny aýdyp berer?

Biz küşt tagtasyna, soňam howsala bilen doktor B-e seretdik. Çentowiçiň patyşasy pilden pyýada bilen goranyp durdy, — muny çaga-da görüp biljekdi, — şondan ötri «küştüň» hiç hili gürrüňi bolmaga-da haky ýokdy. Barymyz ynjalykdan gaçdyk. Belki-de, dostumyz aljyrap, çöpüni bolmalysyndan bir öýjük aňryk ýa-da bir öýjük bärik süýşürendir? Biziň dymyşlygymyz doktor B-niň ünsüni çekdi, ol küşt tagtasyna dykgat bilen seredip, sakynyp, şeýle diýdi.

— Ýöne patyşa «f7»-de durmaly ahyry. Ol ýalňyş dur, bütinleý ýalňyş. Siz nädogry göçdüňiz!.. Ähli çöplerem ýerli-ýerinde däl: şu pyýada «d4»-de däl-de, «d5»-de durmaly. Aslynda bu düýbünden başga döw. Bu...

Ol tapba sesini kesdi. Men onuň elinden berk ýapyşdym, has dogrusy, şeýlebir aldajy çümmükledim welin, ol hatda muny aňrybaş telbe bolanlygynda-da duýaýmalydy. Ol yzyna gaňryldy, goýanyny-göterenini bilmeýän aňsyz adam ýaly bolubam, maňa äňetdi:

— Size... näme gerek?

— Ýadyňyzdamy! — diýip, men diňe ýekeje sözi agzymdan gaçyrdym hem-de barmagymy usullyk bilen elindäki ýara yzyndan ýöretdim.

Olam, özi bilmezden, meniň hereketimi gaýtalady hem-de aňsyz nazaryny gyzylymtyl zolaga dikdi. Birdenem ol tutuş durky bilen galpyldady, maňlaýy çygjaryp gitdi.

— Eý, Hudaý — diýip, ol solgun dodaklaryny müňküldedip pyşyrdady. — Eýsem, men samsyk gürrüň edäýdimmikäm ýa-da nähilidir bir kelesaň hereket etdimmikäm? Ýene şeýlemi... Dogrudanam?

— Ýok — diýip, men ýuwaşja jogap berdim. — Ýöne siz häziriň özünde oýny gutarmaly. Wagty boldy! Lukmanyň näme diýenini ýadyňyza salyň.

Doktor B. laňňa kürsüden dikeldi.

— Özümiň sammyk ýalňyşym üçin bagyşlaweriň — diýip, ol sypaýyçylykly gürledi hem-de Çentowiçiň öňünde baş egdi. — Elbetde, men halys warsaky otardym. Hiç hili gep-gürrüň ýok, bu döwi siz utduňyz.

Soňra ol bize öwrülip gürledi:

— Jenaplar, sizem meni bagyşlaweriň. Ýöne menden uly tama etmäweriň diýip öňünden duýdurandyryn. Oýny şeýle wejeraçylykly gutaranym üçin ýazykly bendäňiziň günäsini öteweriň. Şu meň küşt oýnamaga töwekgellik eden iň soňky gezegim.

Ol baş egdi-de biziň aramyzda ilkinji gezek görnendäkisi ýaly, salyhatly hem-de syrly görnüşde bärden garasyny saýlady. Bu kişiniň dagy-duwara küştüň çöpüne barmagynam batyrmajagynyň sebäbini diňe men bilýärdim, beýlekiler welin alasarmyk halda öwelişip galypdylar, nähilidir bir gümürtik hem-de zabun zat hernä özümize degmän duşumyzdan gyratlap geçip gitdi diýşip olar garjaşyk pikirde iki jähennemiň owarrasy bolupdylar.

— Häý, jyn uran kelewiň biri! — diýip, MakKonnor lapykeç halda hüňürdedi.

Çentowiç iň soňundan kürsüden turdy hem-de soňlanmadyk döwe ýene bir gezek nazar aýlady.

— Arman, gutarylman galdy-da — diýip, ol haýpygelijilik bilen gürledi. — Hüjümiň gurnalyşy-ha hiç neneň däldi. Höwesjeň küştçi üçin bu adam çakdanaşa zehinli oýnaýar.

Terjime eden **Çary Geldimyradow**